TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY BILEN HYZMATDAŞLYK TÜRKMENISTANYŇ SEBIT WE UMUMYDÜNÝÄ ÄHMIÝETLI MÖHÜM BAŞLANGYÇLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEKDE, DÜRLI IRI TASLAMALARY, MAKSATNAMALARY BILELIKDE ÝERINE ÝETIRMEKDE AMALA AŞYRYLÝAR.

# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

17-nji mart, 2023. Belgisi 11/1525



# TÜRKMENISTANYŇ PARAHATÇYLYK SÖÝÜJILIKLI DAŞARY SYÝASATY DABARALANÝAR

**Ýurdumyza Birleşen Milletler Guramasynyň ştab-kwartirasyndan hoş habar gelip gowuşdy. 2022-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Aşgabatda geçirilen parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparynyň ýokary derejedäki duşuşygynyň Jemleýji Jarnamasy şu ýylyň 1-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň resminamasy hökmünde çap edildi.**

Birleşen Milletler Guramasy bilen köpugurly strategik hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi Bitarap Türkmenistanyň hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyz BMG hem-de onuň ýöriteleşdirilen edaralary bilen hyzmatdaşlykda işjeň we başlangyçly orny eýeleýär. Munuň aýdyň mysaly hökmünde dürli ugurlarda durmuşa geçirilen we häzirki wagtda amala aşyrylýan bilelikdäki taslamalary, Türkmenistanyň teklibi bilen taýýarlanylan hem-de BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen birnäçe Kararnamalary görkezmek bolar. Şolaryň hatarynda şu ýylyň fewralynda kabul edilen «Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny» atly Kararnama hem bar.

2020-nji ýylyň sentýabr aýynda ýurdumyzyň başlangyjy bilen parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary topary döredildi. Bu topar BMG-ä agza döwletlere sebit we ählumumy derejede hyzmatdaşlygyň dürli ugurlary boýunça oňyn pikir alyşmak üçin mümkinçilik döredýär. Bu köptaraply dialogyň çäklerinde geçirilýän yzygiderli duşuşyklar halkara gatnaşyklarda Bitaraplyk ýörelgelerini öňe ilerletmek, ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy we abadançylygy üpjün etmegiň bähbidine netijeli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak babatda durnukly syýasy-diplomatik gurallary işläp taýýarlamaga ýardam bermäge gönükdirilendir.

Bitaraplygyň dostlary toparynyň ýokary derejedäki duşuşygynyň Jemleýji Jarnamasynyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň resminamasy hökmünde kabul edilmegi Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatynyň hem-de döredijilikli başlangyçlarynyň Milletler Bileleşigi tarapyndan doly goldanylýandygyna, Watanymyzyň halkara derejedäki abraýynyň barha artýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär.



## ASUDALYKDA WE JEBISLIKDE BELENT SEPGITLERE ÝETILÝÄR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň döwletlilik binýadynyň berkemegi, ykdysady kuwwatynyň has-da artmagy, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagy, ata Watanymyzy mundan beýläk-de beýik ösüşlere ýetirmäge gönükdirilen işleriň elmydama rowaç bolmagy üçin Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Serdarymyz tarapyndan yzygiderli tagallalar edilýär.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda» kesgitlenen wezipelere laýyklykda, milli ykdysadyýetimizde ýokary ösüşler gazanylýar, täze şäherdir obalarymyzyň gurluşyklary ýokary depginde dowam etdirilýär hem-de raýatlarymyzyň durmuş goraglylygy, iş üpjünçiligi we ýaşaýyş-durmuş derejesi yzygiderli gowulandyrylýar. ■ 2



## NOWRUZ – baharyň buşlukçysy

**Täzelenişiň we gülläp ösüşiň nyşany hasaplanýan Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bosagada. Ynsanlary birek-birege ýakynlaşdyrmakdaky, halklary ynsanperwerlik we raýdaşlyk ýörelgeleri esasynda jebisleşdirmekdäki orny göz öňünde tutulyp, 2009-njy ýylda Nowruz baýramynyň geçiriliş däpleri ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. 2010-njy ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji mejlisinde 21-nji marty «Halkara Nowruz güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnama kabul edildi. Munuň özi Nowruz baýramynyň adamzat gymmatlygy hökmünde ähmiýetini has artdyrdy.** ■ 2

# SAGDYN JEMGYÝET SAGDYN DÖWLETIŇ BINÝADY

*15-nji martda paýtagtymyzda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda döwrebap lukmançylyk desgalarynyň birbada üçüsiniň düýbüni tutmak dabaralary boldy. Bu lukmançylyk desgalarynyň – Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň, Stomatologiýa merkeziniň we Halkara pediatriýa merkeziniň gurluşyklaryna hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň şu ýylyň fewral aýynda gol çeken degişli Kararlaryna laýyklykda badalga berildi.*

Ir bilen türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Çoganly» ýaşaýyş toplumyna, Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň düýbüniň tutuljak ýerine geldi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow türkiýeli myhmanlara bu şanly waka gatnaşýandyklary üçin minnetdarlyk bildirip, dünýäniň, şol sanda Türkiýe Respublikasynyň işewür toparlarynyň wekilleri bilen uzak möhletleýin özara bähbitli hyzmatdaşlygyň Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny döwrebaplaşdyrmaga hem-de öňdebaryjy dünýä tejribesini we tehnologiýalaryny ornaşdyrmaga gönükdirilen durmuş-ykdysady strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini nygtady. Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda köp ýyllaryň dowamynda üstünlikli işläp gelýän türkiýeli hyzmatdaşlaryň saldamly goşandyny kanagatlanma bilen belläp, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň giň möçberli maksatnamalarynyň amala aşyrylmagyna işjeň gatnaşýandyklary üçin olara ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirdi.

Bu ýerde Gahryman Arkadagymyz dabara gatnaşyjylaryň öňünde çykyş etdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri ýygnananlary mübärekläp, ýurdumyzda birbada üç sany döwrebap desganyň – Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň, Halkara pediatriýa merkeziniň hem-de Stomatologiýa merkeziniň düýbüniň tutulmagyna bagyşlanan dabara gatnaşýandyklaryny belläp, dabara gatnaşyjylary we halkymyzy bu şatlykly waka bilen tüýs ýürekden



gutlady hem-de Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda batly gadamlar bilen öňe barýan Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzda ynsan saglygyny goramagyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini belledi.

Bellenilişi ýaly, jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy bolan adamyň saglygyny goramak mukaddes we parz işdir. Kabul edilen «Saglyk» Döwlet maksatnamasy ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmegiň hem-de düýpli özgertmegiň ýolunda biziň şu günki we ertirki maksatlarymyzy, wezipelerimizi kesgitleýär.

Döwletimiz öz raýatlarynyň saglygy we abadançylygy hakynda hemişe alada edýär. Sebäbi sagdyn jemgyýet sagdyn döwletiň binýadydyr. Biziň her birimiziň saglyga degişli ýönekeý talaplary we barlaglary berjaý etmegimiz zerurdyr diýip, Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgeleri berjaý edilende, raýatlarymyzyň janynyň sag, ömrüniň uzak boljakdygyna ynam bildirdi. Iň esasysy bolsa, adamyň saglygy nesilleriň geljegi hem-de bagtyýar durmuşda ýaşamagydyr.

Sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak, ynsan saglygyny berkitmek döwrebap anyklaýyş we bejeriş merkezlerini, şypahana edaralarynyň merkezleşdirilen ulgamyny döretmek, olaryň maddy-tehniki üpjünçiligini ýokarlandyrmak bilen aýrylmaz baglydyr diýip, Türkmenis-



tanyň Halk Maslahatynyň Başlygy belledi.

Şeýle hem saglygy goraýyş ylmyny we bilimini ösdürmek, hünärmenleriň taýýarlyk derejesini kämilleşdirmek, ýokary derejeli saglygy goraýyş işgärlerini taýýarlamak zerurdyr diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri sözüni dowam etdi. Pudagyň maddy-tehniki kuwwatyny artdyrmak bilen, oňa düýpli maýa goýumlary yzygiderli çekmek, bu ugurda daşary ýurtlar bilen strategik hyzmatdaşlygy ösdürmek döwletimiziň uly üns berýän ugurlarynyň biridir.

Siziň bilşiňiz ýaly, saglygy goramak, sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak, berk bedenli ýaş nesilleri kemala getirmek üçin döwletimiz tarapyndan ähli zerur şertler döredilýär diýip, Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzda lukmançylyk hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmakda, bejeriş-öňüni alyş işlerini ylmy taýdan öwrenip, ilatyň saglygyny berkitmekde dünýä ölçeglerine laýyk gelýän merkezleriň, derman kärhanalarynyň we okuw-ylmy edaralaryň aýratyn ähmiýetini belledi.

Nygtalyşy ýaly, amala aşyrylýan işleriň netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiz sagdynlygyň we ruhubelentligiň mekanyna öwrüldi. Soňky ýyllarda ýurdumyzda sagaldyş-dynç alyş ulgamynyň tutuş toplumy döredildi. «Ene mähri» merkezleri, saglygy goraýyş-anyklaýyş merkezleri, «Arçman», «Ýyly suw», «Baýrama-



ly», «Farap», «Mollagara», «Berzeňňi», «Daşoguz», «Awaza», «Bagabat» şypahanalary, derman kärhanalary, arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşýän edaralar bina edildi.

Hazaryň şypaly hem-de ekologiýa taýdan arassa kenaryndaky Awazada çagalar we ulular üçin döwrebap sagaldyş-dynç alyş toplumlarynyň, myhmanhanalaryň onlarçasy guruldy. Bu edaralar raýatlarymyzyň saglygyny berkitmekde netijeli işleri alyp barýarlar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow paýtagtymyzda düýbi tutulýan Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň, Halkara pediatriýa merkeziniň hem-de Stomatologiýa merkeziniň hem uzak ýyllaryň dowamynda halkymyza ýokary derejeli hyzmat edip, adamlaryň iň gymmatly baýlygy bolan saglygyny goramakda uly işleri bitirjekdigine ynam bildirdi. ■ 2



## TELEKEÇILIK – HALK HOJALYGYNYŇ ESASY GÜÝJI

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Diýarymyzda hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli döwlet syýasatynyň netijesinde halk hojalygynyň ähli ugurlarynda ajaýyp üstünlikler gazanylýar. Halk hojalygynyň dürli pudaklarynda ýurdumyzyň altyn gaznasy hasaplanýan telekeçileriň hem goşandy uludyr. Ýurdumyzda dürli ugurlarda iş alyp barýan telekeçiler Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň düzüminde orun aldylar. Bu birleşmäniň esasy işi ýurdumyzda kiçi we orta telekeçiligi goldamaga, milli ykdysadyýetiň hususy pudagyny ösdürmäge ýardam etmäge, häzirki zaman telekeçilik infrastrukturasyny emele getirmäge ugrukdyrylan jemgyýetçilik edarasydyr. ■ 2



## OSKAR hemme ýerde

**Kino sungatynyň iň abraýly, iň uly baýragy hasaplanýan Oskar baýraklary gowşuryldy. 95-nji gezek geçirilen Oskar baýraklarynyň gowşuryly̧ş dabarasy hemişekiler ýaly Los Anjelesdäki «Dolby» teatrynda guraldy.** ■ 3

## Şu gün BIJELER ÇEKILER

**UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň soňky 4 duşuşygy hem oýnalyp, çärýek finalçylaryň ählisi belli boldy. Çärýek finalyň, şol sanda ýarym finalyň bijeleri-de şu gün çekiler. Bije çekiliş dabarasy 16:00-da başlar.** ■ 4



## AGYZ BEKLEMEGIŇ saglyga peýdasy

**Agyz beklemek belli bir wagt aralygynda iýip-içmekden saklanmakdyr. Agyz beklemek ruhy taýdan pikiriň täzelenmegi, akylyň durlanmagy üçin peýdaly bolmak bilen, saglyk üçin hem örän ähmiýetlidir.** ■ 5





# SAGDYN JEMGYÝET SAGDYN DÖWLETIŇ BINÝADY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe jemgyýetimiziň durmuşyndaky ajaýyp waka – häzirki döwrüň iň ýokary talaplaryna laýyk gelýän Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň, Halkara pediatriýa merkeziniň hem-de Stomatologiýa merkeziniň düýbüniň tutulmagy bilen dabara gatnaşyjylary we ähli halkymyzy ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, düýbi tutulýan binalar toplumynyň halkymyza uzak ýyllaryň dowamynda hyzmat etmegini arzuw etdi.

Soňra «Gap Inşaat Ýatyrym we Dyş Tijaret A.Ş.» türk kompaniýasynyň ýolbaşçysy Ahmet Çalyga söz berildi.

Türkiýeli işewür dabara gatnaşyjylara we myhmanlara ýüzlenip, Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen halkynyň Milli Lideriniň ýolbaşçylygynda işlenip taýýarlanylan «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna laýyklykda, döwrebap saglyk merkezleriniň, köpugurly hassahanalaryň, häzirki zaman ylmy-kliniki merkezleriniň, şypahanalaryň, saglyk ulgamyna degişli beýleki birnäçe desgalaryň gurlup ulanmaga berlendigini aýtdy.

Türkmenistanda uzak ýyllaryň dowamynda baş potratçy hökmünde hyzmatdaşlyk edýäris, saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmekdäki ýetilýän belent sepgitlere goşant goşýandygymyza buýsanýarys diýip, Ahmet Çalyk belledi we özlerine bildirilen ynam üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa tüýs ýürekden hoşallygyny beýan etdi.

Gahryman Arkadagymyz dabara gatnaşyjylara ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirip, türk kompaniýalarynyň abadançylygyň we ösüşiň ýoly bilen ynamly öňe barýan Türkmenistanyň okgunly ösüşine mundan beýläk-de saldamly goşantlaryny goşjakdyklaryna ynam bildirdi.

Dabara tamamlanandan soňra, ak ýektaýly oglanjyk we gyzjagaz şanly waka mynasybetli ýadygärlik senenamasynda ýazgy galdyrmagyny haýyş edip, Gahryman Arkadagymyza ýüzlenýärler.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň ýadygärlik ýazgy galdyran gutujygy ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň binasynyň düýbüne atyldy. Gahryman Arkadagymyz toplumyň binýadyna ilkinji beton garyndysyny oklaýar hem-de halkymyzyň asylly däbine eýerip, bu beýik başlangyja ak pata berýär.

500 orunlyk Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkezi Aşgabadyň demirgazyk bölegindäki «Çoganly» ýaşaýyş toplumynyň çäginde – beýleki lukmançylyk merkezleriniň ýakynynda gurlar. Paýtagtymyzyň giň lukmançylyk düzümleriniň üstüni ýetirjek bu saglygy goraýyş edarasy ilatymyza ýokary halkara ölçeglere laýyk gelýän ýöriteleşdirilen hyzmatlary hödürlemäge niýetlenendir.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow täze Stomatologiýa merkeziniň we Halkara pediatriýa merkeziniň düýbüni tutmak dabaralaryna gatnaşyp, bu binalaryň gurluşyguna ak pata berdi.

* * *

Şol gün paýtagtymyzyň «Parahat – 7» ýaşaýyş toplumyndaky Hezreti Omar metjidinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň galam hakynyň serişdelerine Türkiýe Respublikasynda köp sanly adam pidalaryna getiren ýertitreme zerarly şehit bolanlaryň hatyrasyna sadaka berildi.

Metjide gelende, Gahryman Arkadagymyz şu waka bilen baglylykda ýörite Aşgabada gelen Türkiýe Respublikasynyň din wekillerini mähirli mübärekledi.

Söhbetdeşligiň dowamynda türkmen-türk gatnaşyklaryny, ilkinji nobatda, taryhy ýüzýyllyklara uzap gidýän ynsanperwer gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmegiň möhümdigi nygtaldy. Bellenilişi ýaly, hut ruhy-ahlak däplerimiziň we dinimiziň umumylygy iki doganlyk halkyň kyn pursatlarda birek-birege goldaw bermegini şertlendirýär.

Weýrançylykly ýertitremäniň köp sanly pidalarynyň dogan-garyndaşlaryna we ýakynlaryna tüýs ýürekden duýgudaşlyk sözleri, ejir çekenlere bolsa tiz wagtda sagalmaklary baradaky dilegler beýan edildi.

Türkiýeli myhmanlar şehit bolanlaryň hatyrasyna bildirilýän hormat üçin türkmen halkynyň Milli Liderine tüýs ýürekden hoşallyk sözlerini aýtdylar hem-de sadaka we oňa çakylyk üçin hoşallyklaryny bildirdiler.

Din wekilleri mukaddes Gurhanyň aýat-sürelerini okadylar hem-de şehit bolanlaryň jaýlarynyň jennet bolmagyny dileg etdiler.

Sadaka başlamazdan ozal, hajy Arkadagymyz ýygnananlara ýüzlenip, berkarar döwletimizde her günümiziň şanly wakalara, döwletli işlere beslenýändigini belledi. Paýtagtymyzda Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň, Halkara pediatriýa merkeziniň, Stomatologiýa merkeziniň binalarynyň düýbüniň tutulmagy hem muny doly tassyklaýar.

Ýol çekmek, köpri gurmak, bina galdyrmak halkymyzda hemişe asylly, sogaply işler hasaplanypdyr. Biz hem şol gadymy ýolumyzy häzirki döwürde üstünlikli dowam etdirýäris. Gurluşygyna başlanan binalar adamlara şypa bermekde, olaryň derdine em etmekde, saglygyny goramakda örän möhüm ähmiýete eýe bolar diýip, Gahryman Arkadagymyz nygtady.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow täze binalaryň gurluşygynyň bu ugurdan baý tejribesi bolan «Gap Inşaat» türk kompaniýasyna ynanylandygyny belläp, türk halkynyň Türkmenistana «Ata Watan, ata ýurdum» diýýändigine ünsi çekdi. Syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarda iki dogan halk, iki döwlet hemişe birek-biregi goldap gelýär.

Bilşimiz ýaly, Türkiýede bolup geçen güýçli ýertitreme köp sanly adam pidalaryna, agyr ýitgilere getirdi. Bu örän agyr tebigy betbagtçylyk biziň ählimizi gynandyrdy. Türkmenistan hem ilkinjileriň hatarynda bu ýurda doganlyk golunu uzatdy. Türkmen halkynyň adyndan doganlyk Türkiýe Respublikasyna ynsanperwerlik kömegi, ýagny ilkinji nobatda zerur bolan serişdeler iberildi. Bu bolsa doganlyk ýurduň halkyna we ýolbaşçylaryna bildirilýän uly hormatyň ýene-de bir aýdyň beýanydyr diýip, Gahryman Arkadagymyz sözüni dowam etdi.

Nygtalyşy ýaly, zerur wagtynda birek-birege söýenişmek, ýardam bermek, birek-biregi goldamak biziň halklarymyzyň umumy asylly däbidir.

Hajy Arkadagymyz dost-doganlyk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmek ugrunda ähli tagallalaryň ediljekdigine, dürli ugurlarda birek-birege goldaw bermegiň dowam etdiriljekdigine ynandyrdy.

Mälim bolşy ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri şol agyr günlerde Türkiýe Respublikasynyň Aşgabatdaky ilçihanasyna baryp, doganlyk ýurduň wekilleri bilen gynanjyny paýlaşdy we duýgudaşlyk bildirdi. Şonda öten-geçenleriň hatyrasyna sadaka beriljekdigi barada aýdyldy.

Oraza aýynyň öň ýanyndaky günlerde bolsa doganlyk Türkiýede bolup geçen hasratly ýertitremede şehit bolanlary hatyralap, Hezreti Omar metjidinde sadaka berilýär, aýat-töwir edilýär.



«Goý, şeýle sogaply günlerde berýän sadakamyz, edýän aýat-töwirlerimiz öten-geçenleriň ruhuna barsyn! Türkiýede bolup geçen ýertitremede şehit bolanlaryň, öten-geçenleriň jaýy jennet bolsun! Allatagala olara iman baýlygyny bersin!» diýip, Halk Maslahatynyň Başlygy Türkmenistanyň müftüsinden aýat-töwir edip bermegini sorady.

Türkmenistanyň müftüsi tebärek çykandan soňra, sadaka gatnaşyjylara nahar çekildi. Tagam dadylandan soň, aýat-töwir edildi.

# ASUDALYKDA WE JEBISLIKDE BELENT SEPGITLERE ÝETILÝÄR

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Ýurdumyzyň täze ösüşlere beslenýän döwründe döwletimiziň ýylýazgysyna ýazylan ajaýyp seneler hem ähmiýetliligi bilen tapawutlanýar. Golaýda ýurdumyzyň Prezidenti wezipesine Serdar Berdimuhamedowyň saýlanylmagyndan bäri laýyk bir ýyl geçdi. Halkymyz hormatly Prezidentimize öz ykbalyny we mähriban Watanymyzyň geljegini ynandy.

Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň netijelerine görä, Serdar Berdimuhamedow saýlawçylaryň sesleriniň 72,97 göterimini gazandy. Munuň özi täze döwlet Baştutanymyzyň uly syýasy abraýyny tassyklady hem-de Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegine, onuň dünýädäki abraýynyň has-da belende galmagyna, halkymyzyň abadan, bagtyýar durmuşynyň üpjün edilmegine gönükdirilen giň möçberli maksatnamalaryny we başlangyçlaryny halkymyzyň dolulygyna goldaýandygyny görkezdi.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow öňdebaryjy halkara tejribäni nazara almak bilen, Türkmenistanyň dünýäniň syýasy we ykdysady giňişligine işjeň goşulyşmagyna gönükdirilen täze ösüş ugurlarynyň başyny başlap, özgertmeleri, ilkinji nobatda, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak üçin amala aşyrýar. Munuň özi maddy rowaçlyk, jemgyýetiň ruhy sagdynlygy, her bir raýatyň döredijilik we intellektual işi üçin mümkinçilikler ýaly ugurlary öz içine alýar.

Täze taryhy döwürde hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda ykdysadyýetde, medeniýetde, sportda, bilim, saglygy goraýyş we beýleki ugurlarda gazanylýan belent ösüşler biziň her birimizi guwandyrýar hem buýsandyrýar. Gözel paýtagtymyz Aşgabat şäheri we welaýat merkezleri, oba-şäherlerimiz tanalmaz derejede özgerýär. Olarda medeni-durmuş, önümçilik maksatly binalaryňdyr desgalaryň gurulmagy adam hakynda edilýän aladanyň



kepili bolmak bilen, «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ajaýyp şygarlaryň dabaralanýandygyny görkezýär.

Garaşsyz, baky Bitarap Diýarymyzyň dünýäde şan-şöhratynyň belende galýandygyny bu gün uly buýsanç bilen aýdýarys. Ýurdumyzyň bitaraplyk ýörelgelerine eýerýän daşary syýasaty esasynda dünýä we sebit derejesinde amala aşyrýan işleri halkara jemgyýetçiligiň belent ykrarnamasyna eýe bolýar.

Adam hakdaky alada döwlet Baştutanymyzyň durmuş-ykdysady syýasatynyň düýp özeni bolup durýar. Döwlet tarapyndan ýöredilýän syýasatda halkymyzyň abadan, eşretli durmuşda ýaşamagyna aýratyn ähmiýet berilýändigini biz her ädimde diýen ýaly görýäris. Türkmenistan adam hukuklarynyň, azatlyklarynyň doly durmuşa geçirilmegi üçin zerur bolan syýasy, ykdysady, hukuk şertlerini üpjün edýär, şahsyýetiň erkin ösmegine ýardam berýär. Ýurdumyzda adam hukuklary babatda halkara ölçeglere laýyk gelýän kanunlar kabul edilýär.

Ýokary tehnologiýaly, bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti ösdürmek, bazar gatnaşyklaryny işjeňleşdirmek, döwlete dahylsyz pudagyň ösüşini höweslendirmek, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda telekeçilik işiniň gerimini giňeltmek hormatly Prezidentimiziň öňde goýýan esasy wezipeleriniň hatarynda durýar.

Bilim, durmuş-medeni ugurlary ösdürmegiň çäklerinde bilim we ylym ulgamynyň işini kämilleşdirmek, pudaklary ýokary taýýarlykly hünärmenler bilen üpjün etmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy täze derejelere çykarmak, çagalar sportuny ösdürmek, köpçülikleýin bedenterbiýäniň ornuny giňeltmek, «Saglyk» Döwlet maksatnamasyny üstünlikli durmuşa geçirmek, eneligi we çagalygy goramak, keselleriň öňüni alyş we bejeriş çärelerini talabalaýyk ýola goýmak, ýokary hilli saglygy goraýyş hyzmatlarynyň elýeterliligini üpjün etmek ýaly wezipeler döwletimizde amala aşyrylýan özgertmeleriň özenini düzýär.

**Aýgül BERDILIÝEWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň iňlis diliniň fonetikasy we leksikologiýasy kafedrasynyň mugallymy.*

# NOWRUZ – BAHARYŇ BUŞLUKÇYSY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Dünýä bileleşiginde her ýyl bu sene halkara baýram hökmünde bellenýär. Halkara Nowruz güni diýlip yglan edilen bu baýram ösüşiň, abadançylygyň we parahatçylygyň nyşany hökmünde kabul edilýär. Täze ýylyň gelmegini alamatlandyrýan Nowruz baýramy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe giňden toýlanýar. Nowruz Merkezi Aziýanyň, Kawkazyň we Ýakyn Gündogaryň, Balkan hem-de Gara deňiz sebitleriniň halklaryny we medeniýetlerini birleşdirýän baýramdyr. Ol täze ýylyň başlangyjydyr, baharyň buşlukçysydyr.



Nowruzda tebigat janlanýar, Ýer ýüzi lälezarlyga beslenýär. Ol bize birek-birek bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryny ilerletmegiň aýdyň nusgasyny görkezýär. Çünki ösmek-özgermek, alýaşyl bürenip, Ýer ýüzüne şatlyk eçilmek – tebigatyň kanuny. Nowruz baýramynyň bellenilişiniň jemgyýetçilik, medeni we ylmy taraplary bolup, ol häzirki zaman dünýäsinde halklardyr ýurtlaryň arasynda parahatçylygy, hoşniýetliligi we jebisligi ösdürmek hem-de berkitmek üçin jemgyýetçilik diplomatiýasynda aýratyn ähmiýete eýedir.

Türkmenistanyň dürli künjeklerinden Nowruz baýramy bilen bagly milli däp-dessurlaryň dürli görnüşleri toplanyp, ylmy seljermeler geçirildi. Şeýle hem dünýäniň dürli döwletleriniň kitaphanalarynda saklanylýan gadymy golýazmalar öwrenilip, halk köpçüligine ýetirildi. Nowruz baýramynyň gadymy däplerini geljek nesiller üçin gorap saklamak umumadamzat bähbitli ynsanperwer wezipedir. Nowruz baýramy ençeme halklarda, şol sanda türkmenlerde hem Gün senenamasy boýunça ýaz paslynda gije-gündiziň deňleşýän wagtynda – mart aýynyň 21-inde bellenilipdir. Nowruzy günorta we gündogar Türkmenistanyň oturymly we ekerançylyk bilen meşgullanan ilaty has şowhunly belläpdir.

Nowruz «Täze ýyl», «Täze gün», «Baharyň ilkinji güni», «Bahar baýramy» mazmunda beýan edilipdir. Türkmen nusgawy şahyrlary öz eserlerinde bahar paslyny, Nowruzy taryplapdyrlar. Magtymgulynyň, Andalybyň, Seýdiniň, Zeliliniň, Mollanepesiň we başgalaryň eserlerinde türkmen tebigatynyň ajaýyplygy, hususan-da, Nowruzyň waspy çeper beýan edilýär.

Halkymyzda Nowruz saçagyny dürli tagamly nygmatlar, köpdürli naharlar bilen bezemek dessury gadymdan bäri dowam edýär. Nowruz saçagyna goýulýan nazy-nygmatlaryň syrly güýje eýedigine ynanylypdyr. Şolaryň biri-de Nowruz semenisidir. Mundan başga-da, türkmenler Nowruz saçagynda palaw, süýtli aş, dänik, bulamak, noýbaly unaş, mäşewe, Nowruz ýarmasy, Nowruz köjesi ýaly tagamlary goýýarlar.

Häzirki wagtda Nowruz baýramy iň gadymy we häzirki däp-dessurlaryň köpdürlüligi we özboluşlylygy bilen tapawutlanýandygyna we täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýandygyna, biziň mirasymyzyň bolsa häzirki nesiller tarapyndan dowam etdirilýändigine ýene-de bir gezek göz ýetirmäge mümkinçilik berdi.

Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen halkymyza gowşan «Paýhas çeşmesi» kitabynda hem Nowruz, bahar pasly hakynda köp sanly nakyllar getirilýär. «Ýylyň gelşi Nowruzdan belli, ýaryň gelşi – sowgadyndan», «Nowruz geçmän, dertli dertden sabamaz», «Nowruzdan soň gyş bolmaz, mizandan soň – ýaz», «Bahardaky hereket, güýzki – bereket», «Ýaz diýip, otsuz galma, gyş diýip – suwsuz» ýaly ençeme nakyllardan hem görnüşi ýaly, bahar berekediň hem-de täzelenişiň paslydyr.

**Aýna BABAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# TELEKEÇILIK – HALK HOJALYGYNYŇ ESASY GÜÝJI

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Birleşmäniň agzalary dürli pudaklary ösdürmäge, içerki we daşarky bazarda ýokary bäsdeşlige ukyby bolan önümleri öndürmek boýunça innowasion önümçilikleri döretmäge işjeň gatnaşýarlar. Hususy sektoryň wekilleri täjirçilik, jemgyýetçilik iýmiti, oba hojalygy, azyk, gurluşyk materiallary, himiýa, dokma senagaty, tikinçilik ýaly ugurlarda, mebel, aýakgap önümçiliginde uly işleri alyp barýarlar, bilim, mahabat we neşirýat hyzmatlaryny edýärler.

Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň çäginde 260 gektardan gowrak ýer böleginde döredilen Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň senagat zolagyndaky ýokary tehnologiýalar ornaşdyrylan ýüzlerçe önümçilik kärhanalarynda dürli görnüşli senagat, gurluşyk we beýleki önümler öndürilip, içerki bazarda halkymyza hödürlenilýär hem-de daşary ýurtlara eksport edilýär.

Oba hojalyk pudagyny bazar gatnaşyklary esasynda ösdürmek hem-de hususyýetçiligiň paýyny artdyrmak wezipesi döwlet syýasatynyň möhüm ugruna degişli bolup, bu ugurda hususyýetçilere uly goldawlar berilýär. Ýurdumyzyň azyk önümleriniň eksportynda esasy uly paýy tutýan ter pomidory ýyladyşhana şertinde ösdürip ýetişdirmekde uly tejribe toplanyldy. Birleşmäniň agzalaryna degişli bolan ýyladyşhanalarda ösdürilip ýetişdirilýän ekologiýa taýdan arassa ter pomidor bilen içerki bazarymyz üpjün edilýär we daşary ýurtlara eksport edilýär.

Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary Aşgabat şäherinde we ýurdumyzyň wela-



ýatlarynda uly gurluşyk taslamalaryny durmuşa geçirýärler, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda döwrebap dynç alyş zolagynyň infrastrukturasyny kemala getirmek boýunça işlere işjeň gatnaşýarlar, «Aşgabat-Türkmenabat» ýokary tizlikli awtomobil ýoluny, Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezini gurmak ýaly has iri maýa goýum taslamalaryny amala aşyrýarlar.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi hem-de onuň agzalary sanly ykdysadyýete geçmekde uly işleri amala aşyrýarlar. Elektron söwda sahypalaryny açmak, ykjam elektron goşundylaryny döretmek hem-de dünýä belli internet söwda platformalaryndan peýdalanmak arkaly özleriniň harytlaryny we hyzmatlaryny onlaýn görnüşinde hödürlemek we eltip bermek hyzmatlaryny has-da işjeňleşdirýärler.

2019-njy ýylyň oktýabr aýynda kabul edilen «Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi hakynda (rejelenen görnüşi)» Türkmenistanyň Kanuny birleşmäniň işiniň hukuk, guramaçylyk we ykdysady esaslaryny üpjün edýär. Döwlet derejesinde yzygiderli goldaw berilmegi hem-de zerur mümkinçilikleriň döredilmegi netijesinde, birleşmäniň agzalary dürli pudaklarda içerki we daşarky bazarda ýokary bäsdeşlige ukyby bolan önümleri öndürmek boýunça innowasion önümçilikleri döredýärler.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen 2008-nji ýylda döredilen gününden bäri 15 ýylyň içinde Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň sany 28 müňden gowrak boldy. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy senagat taýdan ösen döwlete öwürmek barada öňde goýýan wezipelerini durmuşa geçirmek ugrunda türkmen telekeçileri yhlasly zähmet çekýärler.

Hormatly Prezidentimiziň ykdysadyýetiň döwlete degişli bolmadyk böleginiň işini höweslendirmek üçin edýän tagallalarynyň netijesinde, hususy eýeçiligiň ykdysadyýetdäki paýynyň ýylsaýyn artýandygy hem bellärliklidir. Bu görkezijiler ilatyň iş bilen üpjünçiligine hem oňyn täsirini ýetirýär.

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilenine 15 ýyl doldy.

Milli Bahar baýramy – Halkara Nowruz gününiň giňden bellenilýän günlerinde paýtagtymyzyň Söwda-senagat edarasynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 15 ýyllygy mynasybetli sergi guralýar. Bu serginiň bir hepdeläp dowam etmegi baýramçylygyň joşgunyny has-da artdyrar.

**Bilbil SEÝITGULYÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Mart aýynyň 17-si, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-111268
Belgisi: 11/1525
Tiražy: 6504
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Si Szinpin gaýtadan saýlandy

10-njy martda Hytaýyň Milli halk gurultaýynyň 1-nji mejlisiniň wekilleri Si Szinpini Hytaýyň Başlygy wezipesine üçünji bäş ýyllyk möhlete gaýtadan saýlamak barada biragyzdan ses berdiler. Iýun aýynda 70 ýaşyny dolduryan Si Szinpiniň gaýtadan saýlanmagy 2018-nji ýylda Hytaýyň Konstitusiýasyna girizilen üýtgetmelerden soň mümkin boldy. Şeýle-de, geçen ýylyň oktýabr aýynda, Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň XX gurultaýyndan soň, Si Szinpin HKP-niň Merkezi komitetiniň Baş sekretary wezipesine üçünji möhlete saýlanypdy.

Si Szinpin 1953-nji ýylda Pekinde Hytaýyň görnükli syýasy lideriniň maşgalasynda dünýä indi. 1974-nji ýylda Hytaýyň Kommunistik ýaşlar bileleşigine girdi, soňra uýezd we okrug derejesinde birnäçe partiýa wezipelerini eýeledi. 1999-2002-nji ýyllar aralygynda Fuszýan welaýatynyň häkimi bolan Si Szinpin 2007-nji ýylda Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň Syýasy býurosynyň hemişelik komitetiniň agzalygyna saýlandy we 2008-nji ýylyň mart aýynda



HHR-iň Başlygynyň orunbasary boldy. Si Szinpin 2012-nji ýylyň noýabr aýynda HKP-niň Baş sekretary we HKP-niň Merkezi Komitetiniň Harby geňeşiniň başlygy wezipesine saýlanandan soň, 2013-nji ýylyň mart aýynda döwlet Baştutany we Hytaýyň Merkezi harby geňeşiniň başlygy wezipesini eýeledi.

Şeýle hem Halk wekiliýetleriniň ählihytaý maslahatynyň barşynda HHR-iň Döwlet Geňeşiniň täze Premýer-ministri wezipesine (ýurduň iň ýokary ýerine ýetiriji edarasy) Li Sýan saýlandy. Hökümete 2013-nji ýyldan bäri ýolbaşçylyk eden öňki Premýer-ministr Li Kesýanyň ikinji ygtyýarlyk möhleti 2023-nji ýylda gutaryp, kanun esasynda ol bu wezipäni eýeläp bilmeýärdi. Li Sýan 2017-2022-nji ýyllarda Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň Şanhaý şäher komitetiniň sekretary bolup işledi. Ol partiýanyň mejlisinde Syýasy býuronyň hemişelik komitetiniň agzalygyna saýlandy. Li Sýanyň dalaşgärligini HHR-iň Başlygy Si Szinpin öňe sürdi we ony wezipä bellemek hakynda karara gol çekdi. Şeýle hem Hytaýyň Milli halk gurultaýynyň 1-nji mejlisiniň wekilleri Hytaý Halk Respublikasynyň Döwlet Geňeşiniň (Ministrler Kabineti) täze düzümini tassykladylar.

# SALA SALŞYK GEÇIRILER

**Özbegistanyň parlamenti 30-njy aprelde ýurduň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşi boýunça sala salşyk geçirmek barada karara geldi. Bu barada ýurduň parlamentiniň kanun çykaryjy palatasynyň metbugat gullugy mälim etdi. 10-njy martda geçirilen maslahatda, häzirki Konstitusiýa üçin teklip edilýän ähli goşmaçalar we üýtgetmeler jikme-jik öwrenilenden soň, parlament 30-njy aprelde ýurduň Esasy Kanunynyň rejelenen görnüşi boýunça tutuş ýurt boýunça sala salşyk geçirmegi meýilleşdirýär.**

**Konstitusiýanyň täzeden işlenen görnüşine laýyklykda, Özbegistan sosial döwlet diýlip mälim edilýär. Umuman aýdanyňda, 1992-nji ýylyň dekabrynda kabul edilen häzirki Konstitusiýa 65% üýtgediler. Hususan-da, resminamadaky maddalaryň sany 128-den 155-e çenli artar. Şeýle hem Konstitusiýa esaslanýan täsirli kadalaryň sany 275-den 434-e çenli artar.**

**Esasy Kanunyň rejelenen görnüşinde parlamentiň ýokarky palatasynyň agzalarynyň sanyny 100-den 65-e çenli azaltmak teklip edilýär. Şeýle hem täze düzgün girizilip, oňa laýyklykda, şol bir adam, ýurduň prezidenti wezipesi bilen birlikde,**



**kanun çykaryjy palatanyň spikeri, parlamentiň ýokarky palatasynyň başlygy, Merkezi saýlaw toparynyň başlygy, ýokary kazyýetiň başlygy, Baş prokuror we başga-da birnäçe möhüm wezipäni eýeleýänler yzly-yzyna iki möhletden köp wezipesinde galyp bilmeýärler.**

# DÜNÝÄ HABARLARY

## gysga setirlerde

► **«Fitch»-iň çaklamasy.** «Fitch» agentligi şu ýylyň ählumumy ykdysady ösüşini 2% diýip çaklaýar. Agentlik dekabr aýynda dünýä ykdysadyýetiniň ösüşini 1,4% diýip çaklapdy. 2023-nji ýylda global ösüşiň geljegi dekabr aýyndan bäri ep-esli gowulandy diýip, «Fitch Ratings» soňky «Global ykdysadyýetiň geljegi» atly hasabatynda belleýär.



► **«Boeing» uçarlaryny satyn alar.** Saud Arabystany 35 milliard dollar möçberinde «Boeing» kysymly işewürlik uçarlaryny satyn almakçy. Olar täze döwlet kompaniýasynyň brendi astynda dürli ýurtlara gatnawlary amala aşyrarlar. Bu barada «Wall Street Journal» neşiri ýazýar.



► **Öz şäherçesini gurmakçy.** Milliarder Ilon Mask Tehasda öz şäherçesini gurmagy meýilleşdirýär. Ol Kolorado derýasynyň ýakasynda ýerleşer. Meýilleşdirilýän şäherçäniň işewüriň şol ýerde gurulýan «SpaceX» we «Boring Company» kompaniýalarynyň binalary bilen ýanaşyk bina ediljekdigi habar berilýär.



► **Iň uly Gün batareýasy ornaşdyrylar.** Tokionyň «Narita» howa menzilinde meýdany 200 gektary tutýan Gün energiýasy paneli 2024-nji ýyla çenli ornaşdyrylar. Onuň kuwwatlylygy 180 MBt-e deň bolup, howa menziliniň energiýa üpjünçiliginiň 40 göterimini öndürer. Ony gurnamak işleri bilen «Tokyo Gas» kompaniýasy meşgullanar.



# Minerallar barada ylalaşyk baglaşmakçy

**Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen we ABŞ-nyň Prezidenti Jozef Baýden Waşingtonda geçirilen gepleşiklerde ABŞ-nyň energiýa geçiş meýilnamasyny ara alyp maslahatlaşdylar. Duşuşygyň barşynda Baýden we fon der Lýaýen Waşington bilen Brýusseliň batareýalary öndürmekde ulanylýan minerallar barada ylalaşyk baglaşmak isleýändigini habar berdiler.**



**– Meniň pikirimçe, bu meselede tagallalarymyzy birikdirmek biziň üçin möhümdir, sebäbi howanyň üýtgemegine garşy göreşde we global ýylylygyň çäklendirilmeginde geljegimiz üçin munuň aýratyn ähmiýeti bar. Tagallalarymyzy birikdirmek, zerurlyklarymyzyň üstüni ýetirmek we taraplaryň ikisiniň hem arassa tehnologiýalar pudagynyň ösüşini höweslendirmek biziň üçin möhümdir we şeýle bolmagynda galýar – diýip, Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen belledi.**

# Gaz eksportyny artdyrar

Ysraýyl bilen Italiýa ikitaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmagy maksat edinýär. Ysraýylyň Premýer-ministri Binýamin Netanýahu Rime sapary wagtynda kärdeşi Jorja Meloni bilen gepleşik geçirdi. Duşuşykdan soň Netanýahu öz ýurdunyň Italiýa arkaly Ýewropanyň tebigy gaz üpjünçiligini artdyrmak isleýändigini aýtdy. Netanýahu gepleşikleriň barşynda – Munuň üçin suwuklandyrylan tebigy gazy Kiprde geçirip ýüklemek üçin infrastruktura döretmek maksada laýyk bolar – diýip belledi.

Ysraýylyň Premýer-ministri Binýamin Netanýahu: – Gaz pudagyndaky hyzmatdaşlygymyz barada durup geçsek, siziň aýdyşyňyz ýaly, Italiýa Ýewropany energiýa üpjünçiligi merkezine öwürmegi maksat edinýär. Biz hem şeýle pikir edýäris. Bizde gaz ätiýaçlyklary köp. Biz indi eksportymyzyň möçberini artdyryp, Italiýanyň üsti bilen Ýewropa has köp gaz eksport



etmegi maksat edinýäris – diýdi.

Italiýanyň Hökümet başlygy bilen gepleşiklerden öň Netanýahu ykdysady ösüş ministri Adolfo Urso bilen duşuşdy. Urso Rimiň Italiýany Ýewropanyň gaz merkezine öwürmek üçin ähli tagallalary edýändigine ynandyrdy.

# «Boeing» Hindistanda zawod gurar

**«Boeing» amerikan korporasiýasy Hindistanda ýolagçy uçarlaryny ýük uçarlaryna öwürjek zawody gurmagy meýilleşdirýär. Bu barada kompaniýanyň ösüş boýunça müdiri Mark Allen habar berdi.**



**Onuň aýtmagyna görä, bu zawod «Boeing»-iň Hindistandan 1 milliard dollarlyk üpjünçilik zynjyrynyň üstüni ýetirer we bu ýurduň ýük gatnawlarynyň global merkezine öwrülmegine ýardam berer. Şeýle-de bolsa, Allen desganyň haçan guruljakdygy we maýa goýumyň möçberiniň näçeräk boljakdygy barada jikme-jik maglumat bermedi.**

**Agentligiň maglumatlaryna görä, zawody gurmak başlangyjy «Boeing»-iň Hindistan bilen gatnaşyklaryny giňeltmek maksady bilen peýda boldy. Kompaniýa fewral aýynda uçaryň ätiýaçlyk şaýlary üçin logistika merkezini döretmäge 24 milliard dollar maýa goýmagy meýilleşdirýändigini aýtdy. Mundan başga-da, «Air India» awiagatnadyjysy «Boeing»-den we «Airbus»-dan jemi bahasy 100 milliard dollardan gowrak bolan 500-e golaý uçar sargyt etdi.**





# OSKAR HEMME ÝERDE

Kino sungatynyň iň abraýly, iň uly baýragy hasaplanýan Oskar baýraklary gowşuryldy. 95-nji gezek geçirilen Oskar baýraklarynyň gowşuryluş dabarasy hemişekiler ýaly Los Anjelesdäki «Dolby» teatrynda guraldy. Komediýaçy Jimmi Kimmeliň alyp baran dabarasyna kino sungatynyň görnükli wekilleri gatnaşdylar. Adatça gyzyl halydan däl-de, sarymtyl reňkli halydan geçişlik bilen başlanan dabara 3 sagat 40 minutlap dowam etdi.

Dabarada iň gowy film baýragyna ýylyň iň köp baýrakly kinolaryndan «Hemme zat hemme ýerde we birbada» filmi laýyk görüldi. 11 ugurdan dalaşgär görkezilen film 7 heýkeljik gazanyp, dabaranyň iň köp baýrakly kinosy boldy. Bu film «Ýeriň dartyş güýji» (Gravity, 2013) filminden soň 7 ugurda Oskar gazanan ilkinji kino hökmünde hasaba alyndy. Şeýle-de, «Külbeden çykan millioner» (Slumdog Millionaire, 2008) filminden soň hem baş baýrak bilen bir hatarda, dabaranyň iň köp baýrak gazanan ilkinji kinosy boldy.

«A24» studiýasynyň önümi bolan «Hemme zat hemme ýerde we birbada» filmi baş baýrakdan başga-da, Oskaryň esasy baýraklaryny hem gazanmagy başardy. Filmi surata düşüren Daniel Kwan bilen Daniel Şeinert iň gowy režissýor baýragy bilen sylaglandylar. Olar iň gowy režissýor baýragyny iki bolup alan 3-nji jübüt bolup, ondan öň «Westsaýdyň hekaýasy» (West Side Story, 1961) filminiň režissýorlary Robert Waýz bilen Žerom Robbins hem-de «Garry erkeklere orun ýok» (No Country for Old Men, 2007) filmi üçin doganlar Joel we Itan Koenler Oskar gazanypdy. «Hemme zat hemme ýerde we birbada» filminde surata düşen artistleriň 3-si Oskara laýyk görüldi. Başgaça aýdylanda, film 4 artistçilik ugrunyň 3-sinde heýkeljigi eýelemegi başardy. Iň gowy aktrisa baýragyna filmiň ýyldyzy Mişell Ýeo laýyk görlüp, ol bu baýragy alan ilkinji aziýaly zenan hökmünde taryha girdi.

Şeýle-de, ol Halle Berriden soň iň gowy aktrisa ugry boýunça Oskar alan akýagyz bolmadyk 2-nji aktrisa boldy. Ikinji plandaky iň gowy aktýor we aktrisa ugurlarynda filmiň artistleri, degişlilikde Ke Jonatan Kwan hem-de Jeýms Li Kurtis Oskara mynasyp görüldi. «Hemme zat hemme ýerde we birbada» filmi artistçilik ugrunyň 3-sinde ýeňiş gazanan 3-nji kino bolup, ondan öň «Arzuw tramwaýy» (A Streetcar Named Desire, 1951) hem-de «Aragatnaşyk ulgamy» (Network, 1976) filmleri 3 artistçilik ugry boýunça Oskar gazanypdy.

Film bu 5 baýrakdan başga-da iň gowy asyl ssenariý hem-de iň gowy montaž baýraklary bilen sylaglandy. Filmiň ssenarisini režissýorlaryň özleri bilelikde ýazyp, ekran eserini Pol Rojers montaž etdi.

Dabaranyň 2-nji iň köp baýrakly filmi Germaniýanyň önümi – «Frontuň günbatarynda täzelik ýok» filmi bolup, Edward Bergeriň surata düşüren ekran eseri iň gowy halkara film, iň gowy saz, iň gowy operator hem-de iň gowy çeperçilik bezegi baýraklaryna laýyk görüldi. Filmiň sazlaryny düzen Wolker Bertelmann ilkinji Oskaryny gazanmagy başardy.



Ke Jonatan Kwan 1984-nji ýyldaky «Indiana Jones» filminde meşhur aktýor Harrison Ford bilen bilelikde surata düşüpdi. Şol filmde kiçeňräk keşpleriň birini janlandyran aktýor iň gowy film Oskaryny halypa aktýoryň elinden alan mahaly tolgundy.

95-nji Oskar dabarasynda 1-den köp 3 film baýrak gazanyp, şolaryň soňkusy «Kit» kinosydyr. «A24» studiýasynyň önümi bolan bu filmdäki keşbi üçin Brendan Freýzer iň gowy aktýor diýlip saýlandy. Filmiň beýleki baýragy-da iň gowy makiýaž we saç bezegi ugry boýunça boldy.

Iň gowy adaptirlenen ssenariý baýragy bilen «Gürrüňdeş zenanlar» filminiň ssenarisini ýazan, şol bir wagtyň özünde filmiň režissýory hem bolan Sara Polli sylaglandy. Oskarly režissýor Gillermo Del Toronyň surata düşüren «Gillermo Del Toronyň Buratinosy» atly multfilminiň iň gowy animasiýa diýlip saýlanan agşamynda «Nawalnyý» atly ekran eseri iň gowy dokumental film baýragyny gazandy. Leýdi Gaga, Rihanna ýaly aýdymçylaryň ýerine ýetiren aýdymlaryndan öňe saýlanan RRR hindi filmindäki «Naatu Naatu» atly aýdym iň gowy aýdym baýragyna laýyk görüldi. Ýylyň iň köp girdeji gazanan 2 filmi – «Awatar: suwuň ýoly» iň gowy wizual effektler, «Topgan: Mawerik» bolsa iň gowy ses ugry boýunça Oskara mynasyp boldy. «Marvel»-iň önümi bolan «Gara Pantera: Wakanda hemişelik» kinosy-da iň gowy grim baýragyny gazandy. Filmiň grimçisi Rut E. Karter «Gara Pantera» filminden soň 2-nji gezek Oskar baýragyny eýelemegi başardy. «Inişeriniň perisi» (9), «Elwis» (8), «Fabelmanlar» (7), «Tar» (6) ýaly filmler bolsa ençeme ugurda dalaşgär görkezilendiklerine garamazdan, 95-nji Oskar baýragyny heýkeljiksiz tamamladylar.

Bu ýylky Oskar dabarasyna ABŞ-da 18,7 million adama tomaşa etdi. Bu bolsa geçen ýylky dabara garanyňda, 12 göterim köp diýmekdir.



Brendan Freýzer



Mişell Ýeo



Ke Jonatan Kwan

Jeýms Li Kurtis

## 95-nji OSKAR BAÝRAKLARYNYŇ ÝEŇIJILERI:

| | |
|---|---|
| Iň gowy film: | «Hemme zat hemme ýerde we birbada» (Everything Everywhere All at Once) |
| Iň gowy režissýor: | Daniel Kwan, Daniel Şeinert – «Hemme zat hemme ýerde we birbada» (Everything Everywhere All at Once) |
| Iň gowy aktýor: | Brendan Freýzer – «Kit» (The Whale) |
| Iň gowy aktrisa: | Mişell Ýeo — «Hemme zat hemme ýerde we birbada» (Everything Everywhere All at Once) |
| Ikinji plandaky iň gowy aktýor: | Ke Jonatan Kwan — «Hemme zat hemme ýerde we birbada» (Everything Everywhere All at Once) |
| Ikinji plandaky iň gowy aktrisa: | Jeýms Li Kurtis — «Hemme zat hemme ýerde we birbada» (Everything Everywhere All at Once) |
| Iň gowy asyl ssenariý: | «Hemme zat hemme ýerde we birbada» (Everything Everywhere All at Once) — Daniel Kwan, Daniel Şeinert |
| Iň gowy adaptirlenen ssenariý: | «Gürrüňdeş zenanlar» (Women Talking) – Sara Polli |
| Iň gowy animasiýa: | «Gillermo Del Toronyň Buratinosy» (Guillermo del Toro's Pinocchio) — Gillermo Del Toro |
| Iň gowy halkara film: | «Frontuň günbatarynda täzelik ýok» (All Quiet on the Western Front) — Edward Berger (Germaniýa) |
| Iň gowy dokumental film: | «Nawalnyý» (Navalny) |
| Iň gowy gysga göwrümli film: | «Irland hoşlaşygy» (An Irish Goodbye) |
| Iň gowy gysga göwrümli dokumental film: | «Jadylaýjy pil» (The Elephant Whisperers) |
| Iň gowy gysga göwrümli animasiýa: | «Oglanjyk, körsyçan, tilki we at» (The Boy, the Mole, the Fox and the Horse) |
| Iň gowy saz: | «Frontuň günbatarynda täzelik ýok» (All Quiet on the Western Front) – Wolker Bertelmann |
| Iň gowy aýdym: | «Naatu Naatu» – RRR – M. M. Keerawani, Çandrabose |
| Iň gowy ses: | «Topgan: Mawerik» (Top Gun: Mawerick) — Mark Weingarten, Jeýms H. Mater, Al Nelson, Kris Burdon, Mark Teýlor |
| Iň gowy çeperçilik bezegi: | «Frontuň günbatarynda täzelik ýok» (All Quiet on the Western Front) – Kristian M. Goldbek, Ernestin Hipper |
| Iň gowy operator: | «Frontuň günbatarynda täzelik ýok» (All Quiet on the Western Front) – Jeýms Frend |
| Iň gowy makiýaž we saç bezegi: | «Kit» (The Whale) — Adrien Morot, Judi Çin, Enn Mari Bredli |
| Iň gowy montaž: | «Hemme zat hemme ýerde we birbada» (Everything Everywhere All at Once) – Pol Rojers |
| Iň gowy grim: | «Gara Pantera: Wakanda hemişelik» (Black Panther: Wakanda Forever) – Rut E. Karter |
| Iň gowy wizual effektler: | «Awatar: suwuň ýoly» (Avatar: The Way of Water) – Jou Letteri, Riçard Banehem, Erik Saindon, Daniel Barrett |



Wolker Bertelmann



Çandrabose bilen M.M. Keerawani



Jeýms Frend



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

## Bir sözlemde...

Häzirki wagtda ABŞ-da dowam edýän «Indiana Wells Master» tennis ýaryşynda niderland tennisçi Tallon Grikspory 2:0 hasabynda ýeňen 19 ýaşyndaky ispaniýaly Karlos Alkaras karýerasy boýunça 132-nji duşuşygynda 100-nji ýeňşini gazanyp, amerikaly Jon Makinroýdan soň (131 oýunda 100 ýeňiş) 100 ýeňşe iň çalt ýeten 2-nji tennisçi boldy we bu ugurda Andre Agassi (135), Rafael Nadal (137), Mats Wilander (138), Jimmi Konnors (138) dagydan öňe saýlandy.

Mehiko Siti 1968 tomusky Olimpiýa oýunlarynda beýikligine bökmekde ilkinji gezek arkanlaýyn böküp, adyny taryha ýazdyran (şondan soň «Fosberi böküşi» ady bilen meşhurlyk gazanan bu usul ýeňil atletikanyň bu görnüşiniň düzgüni bolup galýar) amerikaly ýeňil atletikaçy, Olimpiýa çempiony Dik Fosberi 76 ýaşynda aradan çykdy.

Fewral aýynda 4 duşuşykda 5 gol geçiren «Mançester Ýunaýtediň» ýyldyz oýunçysy Markus Reşford «Premier Ligada» bassyr 2-nji, şu möwsümde 3-nji gezek aýyň futbolçysy saýlanyp (sentýabr, ýanwar, fewral), ol bir möwsümde iň köp aýyň futbolçysy saýlanan Mohamed Salahyň rekordyny gaýtalady (2017/18 möwsümi; noýabr, fewral, mart).

«Bellator 292» ady bilen ABŞ-nyň San Hose şäherinde MMA söweş sungaty boýunça geçirilen duşuşyklaryň çäginde ildeşimiz Döwletjan Ýagşymyradow litwaly Julian Anklikasy eminleriň biragyzdan gelen netijesi boýunça ýeňip (30:27, 30:27, 30:27), karýerasyndaky 20-nji ýeňşini baýram etdi.

Amerikaly dag lyžaçy zenan Mikaela Şiffrin Şweýsariýanyň Are şäherinde geçirilen ýaryşda gigant slalomda ýeňiji bolup, karýerasyndaky 86-njy ýeňşini gazandy we ähli döwürleriň iň köp ýeňiş gazanan türgeni, şwesiýaly Ingemar Stenmarkyň rekordyny gaýtalady.

Katar 2022 Dünýä Kubogyndan soň tälimçisi Karloş Keýroşy ugradan Eýranyň milli ýygyndysynyň tälimçiligine 2006-2008-nji ýyllarda tälim beren 59 ýaşyndaky Amir Galenoi bellenip, ol häzirlikçe tomusdaky Aziýa Kubogy ýaryşy tamamlanýança bu wezipede işlär.

Formula 1-de 2009-njy ýylda çempionlyk gazanan britaniýaly sürüji Jenson Batton NASKAR ýaryşlaryna gatnaşjakdygyny aýdyp, ol 26-njy martda Tehasdaky, 2-nji iýulda Çikagodaky hem-de 13-nji awgustda Indianapolisdäki bäsleşiklerde çykyş etjekdigini mälim etdi.

Golf boýunça ABŞ-nyň Florida ştatynda geçirilen 25 million dollar baýrak gaznasy bolan 50-nji «Players Championship» ýaryşynda amerikaly Skotti Şeffer ýeňiş gazanyp, ol 4,5 million dollar bilen sylaglandy.

«UCI World Tour» atly welosiped ýaryşlarynyň çäginde geçirilen 81-nji Pariž – Nissa (Fransiýa) bäsleşiginde «UAE Team Emirates» toparynyň sloweniýaly türgeni Tadež Pogaçar ýeňiş gazandy.

«UCI World Tour» atly welosiped ýaryşlarynyň çäginde geçirilen 58-nji Tirreno – Adriatiko (Italiýa) bäsleşiginde «Team Jumbo–Visma» toparynyň sloweniýaly türgeni Primož Rogliç ýeňiji boldy.

Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da fewral aýynyň oýunçysy diýlip «Napoli» toparynyň gruziýaly oýunçysy Hwiça Kwarasheliýa saýlanyp, ol awgust aýyndan soň şu möwsümde 2-nji gezek bu hormata laýyk görüldi.

NBA-da «Finiks Sansy» 116:104 hasabynda ýeňip, möwsümdäki 50-nji ýeňşini gazanan Gündogar konferensiýanyň lideri «Milwaki Baks» topary pleý-off tapgyrynda çykyş etmäge ygtyýar alan ilkinji topar boldy.

# ÇÄRÝEK FINALÇYLARYŇ ÄHLISI BELLI BOLDY

**HOLANN 5 GOL GEÇIREN 3-nji FUTBOLÇY**

UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalda Germaniýada deňme-deň oýnan «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Leipsigi» taryhy hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. Turuwbaşdan üstünlikli çykyş eden iňlis kluby eýýäm 1-nji ýarymda Erling Holannyň gollary bilen 3–0 öňe saýlandy. Norwegiýaly super ýyldyz 22-nji (p), 24-nji hem-de 45+2-nji minutlarda tapawutlanyp, şu möwsümdäki 5-nji het-trigini edip, ol bu ugurda hemmeden öňde barýar. 2-nji ýaryma-da Ilkaý Gündoganyň goly bilen başlan «Mançester Sitiniň» ýyldyzy 4 minutda ýene-de 2 gol geçirdi. 53-nji we 57-nji minutlarda tapawutlanan Erling Holann 57 minutda penta-trik etmegi başardy. Duşuşygyň 90+2-nji minutynda-da Kewin De Bruýne oýna soňky nokady goýdy. Şunlukda, 7–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Mançester Siti» umumy hasapda 8–1 öňe saýlandy. «Mançester Siti» topary bassyr 6-njy, umumylykda-da 7-nji gezek çärýek finala çykmagy başardy. Duşuşykda 5 gezek tapawutlanan Erling Holann UEFA Çempionlar Ligasynda Lionel Messiden (2012) hem-de Luiz Adrianodan (2014) soň 1 duşuşykda 5 gol geçiren 3-nji futbolçy boldy. Onuň bu ýaryşda geçiren gollarynyň sany 25 oýunda 33-e ýetip, ol 30 gol geçiren iň ýaş futbolçy rekordyny Kilian Mbappeden almagy başardy. Şeýle-de, 30 gola iň çalt ýeten futbolçy bolan Holannyň «Mançester Sitide» şu möwsümde geçiren gollarynyň sany 36 oýunda 39-a deň boldy. Holann karýerasynda ilkinji gezek 1 duşuşykda 5 gol geçirdi.



**12 ÝYL GARAŞDYRAN ÇÄRÝEK FINAL**

1/8 finalyň 1-nji duşuşygynda 1–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Intere» bu hasap çärýek finala çykmak üçin ýeterlik boldy. Myhmançylykda «Porto» bilen duşuşan «Inter» şol gazanan üstünligini saklamagy başardy. Çekeleşikli geçen oýunda portugal klubunyň futbolçylaryna amatly pursatlarda hasaby açmak başartmady. Netijede, duşuşyk golsuz ýagdaýda tamamlanyp, «Inter» topary çärýek finala adyny ýazdyrdy. Edil şäherdeşi «Milan» ýaly 1-nji oýundaky hasaby goramagy başaran «Inter» topary 12 ýyldan soň 7-nji gezek çärýek finalda çykyş etmäge hukuk gazandy («Milan» 11 ýyldan soň çykypdy). «Inter» soňky gezek 2011-nji ýylda çärýek finalda oýnapdy. «Inter» şu möwsümde çärýek finala çykan 2-nji italýan kluby boldy.

**ILKINJI GEZEK ÇÄRÝEK FINALDA**

Germaniýadan 2–0 hasabynda ýeňiş bilen dolanan «Napoli» toparyna öz meýdançasynda «Aýntrahty» ýeňmek kyn düşmedi. Ýer eýeleriniň doly artykmaçlygynda geçen duşuşykda «Serie A»-da günsaýyn çempionlyga golaýlap barýan «Napoli» 3–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Neapollylara ýeňiş gazandyran gollaryň 2-sini 45+2-nji hem-de 53-nji minutlarda Wiktor Osimhen, şeýle-de, 64-nji minutda penaltiden Piotr Zielinski geçirdi. Şeýlelikde, «Napoli» topary taryhynda ilkinji gezek UEFA Çempionlar Ligasynda çärýek finala adyny ýazdyrmagy başardy. Şu möwsümde geçiren 8 duşuşygyň 7-sinde ýeňiş gazanan «Napoli» topary çärýek finala çykan 54-nji klub bolup, ol 7-nji italýan toparydyr. Şeýle-de, «Napoli» kluby «Atalanta» we «Leipsig» klublaryndan soň (2019/20) çärýek finalda çykyş etjek täze topar hökmünde hasaba alyndy.

**300-nji DUŞUŞYK**

Çempionlar Ligasynyň iň köp çempionlyk gazanan kluby we häzirki çempiony «Real Madrid» ýene-de güýçli garşydaşy «Liwerpuly» ýaryşdan çykarmagy başardy. Soňky oýunlarda «Liwerpula» ot ýakdyrmadyk «Real Madrid» topary «Liwerpuly» öz meýdançasynda-da ýeňlişe sezewar etdi. «Anfield»-de 5–2 ýeňiş gazanan «Reala» öz meýdançasynda iň kiçi hasaply ýeňiş hem ýeterlik bolup, ýer eýeleri birnäçe amatly pursatlardan peýdalanyp bilmedi. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 78-nji minutda Karim Benzema geçirip, ol pleý-off tapgyrlaryndaky 33-nji goluny öz adyna ýazdyrdy. Fransiýaly hüjümçi bu ugurda Kristiano Ronaldo (67) hem-de Lionel Messiden (49) soň 3-nji ýeri eýeleýär. Iňlis klublarynyň derwezesinden 19-njy goluny geçiren Benzema bu babatda 27 golly Lionel Messiden soň 2-nji orunda barýar. Şunlukda, «Real Madrid» umumy hasapda 6-2 öňe saýlanyp, yzly-yzyna 3-nji, umumylykda-da 19-njy gezek çärýek finala çykdy. «Real Madrid» topary çärýek finala çykmakda diňe «Bawariýadan» yza galýar. UEFA Çempionlar Ligasyndaky 300-nji duşuşygyny geçiren «Real Madrid» topary bu görkezijä ýeten ilkinji klub hökmünde hasaba alyndy.

**ŞU GÜN BIJELER ÇEKILER**

UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň soňky 4 duşuşygy hem oýnalyp, çärýek finalçylaryň ählisi-de belli boldy. Şoňa görä, Italiýadan 3 — «Milan», «Inter», «Napoli», Angliýadan 2 — «Çelsi», «Mançester Siti», Ispaniýadan «Real Madrid», Germaniýadan «Bawariýa» hem-de Portugaliýadan «Benfika» UEFA-nyň iň uly klub ýaryşynda iň gowy 8 toparyň hataryna goşuldy. 2005/06 möwsüminden soň ilkinji gezek Italiýadan 3 topar çärýek finala



çykmagy başardy. Çärýek finalyň, şol sanda ýarym finalyň bijeleri-de şu gün çekiler. Bije çekiliş dabarasy 16:00-da başlar. Bijede hiç hili çäklendirme bolman, ähli klub biri-biri bilen bije çekişip biler. Çärýek finalyň duşuşyklary — 1-nji oýunlar 11–12-nji aprelde, jogap oýunlary-da 18–19-njy aprelde oýnalar. Ýeňiş gazanan toparlar çekilen bijä laýyklykda 9–10-njy hem-de 16–17-nji maýdaky ýarym finalda duşuşarlar. Bu möwsümiň final duşuşygy bolsa 10-njy iýunda şenbe güni Türkiýäniň Stambul şäherindäki Atatürk Olimpiýa stadionynda oýnalar.









## UEFA Ýewropa hem-de Konferensiýa Ligalary

**UEFA Ýewropa Ligasynda 1/8 finalyň 1-nji duşuşyklary oýnalyp, çempionlygyň esasy dalaşgärlerinden «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Betisi» 4-1 hasabynda ýeňdi. Iňlis klubuna ýeňiş getiren gollary Reşford, Antoni, Fernandeş hem-de Weghorst geçirdi. «Ýuwentus» ýene-de Di Mariýanyň goly bilen «Fraýburgy» 1–0 hasabynda utdy. Çempionlygyň başga bir dalaşgäri «Arsenal» myhmançylykda «Sporting» bilen 2-2 deňme-deň oýnady. «Roma» «Real Sosiedady», «Baýer» «Ferenswaroşy», «Sewilýa» «Fenerbahçeni» 2-0 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. 6 goluň geçirilen oýnunda «Union Berlin» öz meýdançasynda «Ýunion Sent-Žillua» bilen 3-3 deňme-deň oýnady. «Şahtýor» bilen «Feýenoordyň» arasyndaky duşuşykda-da ýeňiş gazanan bolmady.**

**UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynda-da «West Ham» myhmançylykda «AEK Larnakany» 2-0 ýeňdi. «Lasio» hem öz meýdançasynda «AZ Alkmaardan» garaşylmadyk ýagdaýda 2-1 asgyn geldi.**

**Ýewropa Ligasynda 1/8 finalyň 1-nji duşuşyklary:**

«Mançester Ýunaýted» – «Betis»: 4-1
«Ýuwentus» – «Fraýburg»: 1-0
«Sporting» – «Arsenal»: 2-2
«Baýer» – «Ferenswaroş»: 2-0
«Roma» – «Real Sosiedad»: 2-0
«Şahtýor Donesk» – «Feýenoord»: 1-1
«Union Berlin» – «Ýunion Sent-Žillua»: 3-3
«Sewilýa» – «Fenerbahçe»: 2-0

**Konferensiýa Ligasynda 1/8 finalyň 1-nji duşuşyklary:**

«AEK Larnaka» – «West Ham»: 0-2
«Fiorentina» – «Siwasspor»: 1-0
«Lasio» – «AZ Alkmaar: 1-2
«Leh Poznan» – «Ýurgarden»: 2-0
«Bazel» – «Slowan Bratislawa»: 2-2
«Şerif» – «Nissa»: 0-1
«Anderleht» – «Wilýarreal»: 1-1
«Gent» – «Istanbul BŞ»: 1-1

## FIFA Dünýä Kubogynda 104 duşuşyk geçiriler

**Futbolyň iň uly guramaçylygy bolan Dünýä Kubogynyň nobatdakysyna 48 ýygyndynyň gatnaşjakdygy ozal habar berlipdi. Golaýda FIFA 2026-njy ýylda Demirgazyk Amerika ýurtlarynda — ABŞ, Kanada hem-de Meksikada guraljak Dünýä Kubogynyň geçiriliş formaty barada maglumat ýaýratdy. Şoňa görä, 48 ýygyndy 4 toparly 12 toparçada çykyş eder. Her toparçada 1-2-nji orunda tamamlanlar hem-de 3-nji ýeri eýelänleriň iň gowy netije görkezen 8-si, jemi 32 ýygyndy ýaryşy dowam eder. Çempionatyň dowamlylygy ozalkylar ýaly bir aý bolman, 39 gün bolar. Şeýle-de, duşuşyklaryň sany 64-den 104-e çykarylar. Mahlasy, futbol janköýerleri 39 günde 104 duşuşyga tomaşa ederler. Çempionat ady agzalan 3 ýurduň 16 şäherinde geçiriler. Çempionatyň geçiriljek wagty häzirlikçe resmi ýagdaýda anyk bolman, ony 2026-njy ýylyň 11-nji iýuny — 19-njy iýuly aralygynda guramaklyk göz öňünde tutulýar.**




**Çempionata Ýewropadan 16, Günorta Amerikadan 6 ýa-da 7, Aziýadan 8 ýa-da 9, Afrikadan 9, Demirgazyk Amerikadan 6 ýa-da 7 ýygyndy gatnaşar. Okeaniýadan bolsa 1 ýygyndynyň gatnaşmak mümkinçiligi bar.**

## 252-nji «El Klasiko» we beýleki derbiler

Ýewropanyň öňdebaryjy futbol ligalarynda milli ýygyndylar sebäpli beriljek 10 günlük arakesmeden öňki tapgyrda biri-birinden gyzykly duşuşyklar oýnalar. Şolaryň arasynda iň esasysy «El Klasiko» bolup, «Barselona» topary 26-njy tapgyryň çäginde öz meýdançasynda «Real Madridi» kabul eder. Bu olaryň arasyndaky 252-nji resmi «El Klasiko» bolup, şolarda «Real» 101, «Barselona» 99 gezek ýeňiş gazandy (52 deňlik). «Realyň» 419 goluna «Barselona» 413 gol bilen jogap berdi. «La Liganyň» çäginde bolsa 186-njy «El Klasiko» bolar we mundan öňki oýunlarda «Real» 77, «Barselona» 73 duşuşykda üstün çykdy (35 deňlik).




Möwsümiň 1-nji ýarymyndaky oýunda-da «Real Madrid» 3–1 hasabynda ýeňiş gazanypdy.

Şeýle-de, Italiýada hem 2 derbi duşuşygy oýnalar. Şolaryň biri Rim derbisi bolup, 180-nji resmi duşuşykda «Roma» «Lasiony» kabul eder. «Derby d'Italia» derbisinde-de «Inter» bilen «Ýuwentus» duşuşar. 247-nji resmi «Italiýa» derbisinde «Ýuwentus» 111, «Inter» 75 gezek ýeňdi. Bu duşuşyklaryň ählisi-de ýekşenbe güni, 19-njy martda oýnalar.

### ÝEWROPADA NOBATDAKY TAPGYRYŇ IŇ ESASY DUŞUŞYKLARY:




***18-nji mart (şenbe):***

Çelsi – Ewerton (22:30), Borussiýa D – Köln (22:30), Udineze – Milan (00:45), Atletiko – Walensiýa (01:00)

***19-njy mart (ýekşenbe):***

Aýaçço – Monako (17:00), **Aýaks – Feýenoord (18:30)**, Arsenal – K. Palas (19:00), Torino – Napoli (19:00), Union Berlin – Aýntraht (19:30), PSŽ – Renn (21:05), **Baýer – Bawariýa (21:30)**, Mançester Ýunaýted – Fulham (21:30, FA Kubogy), **Roma – Lasio (22:00), Braga – Porto (23:00),** Twente – AZ Alkmaar (00:00), **Inter – Ýuwentus (00:45),** Reýms – Marsel (00:45), **Barselona – Real Madrid (01:00)**

### PREMIER LEAGUE (27) — 23 gol

**Bornmut—Liwerpul: 1–0** (Billing 28), **Tottenham—Nottingam: 3–1** (Keýn 19, 35 p, Son Hyn Min 62 — Worrell 81), **Lester—Çelsi: 1–3** (Daka 39 — Çilwell 11, Hawerts 45+6, Kowaçiç 78), **Lids—Braýton: 2–2** (Bemford 40, Harrison 78 — Makkalister 33, Harrison 61 ö.d.), **Ewerton—Brentford: 1–0** (Maknil 1), **K. Palas—Man. Siti: 0–1** (Holann 78 p), **West Ham—Aston Willa: 1–1** (Benrahma 26 p — Watkins 17), **Man. Ýunaýted—Southempton: 0–0, Fulham—Arsenal: 0–3** (Gabriel 21, Martinelli 26, Edegor 45+2), **Nýukasl—Wulwerhempton: 2–1** (Isak 26, Almiron 79 — Hi Çan Hwan 70)

### LA LIGA (25) — 23 gol

**Kadiz—Hetafe: 2–2** (Sobrino 39, Alkaras 82 p — Ünal 61 p, 90+16 p), **Real Madrid—Espanýol: 3–1** (Winisius Junior 22, Militao 39, Asensio 90+3 — Hoselu 8), **Elçe—Walýadolid: 1–1** (Morente 90+6 — Larin 4), **Selta—Raýo Wallekano: 3–0** (Ýago Aspas 51, 85, Siss 52 ö.d.), **Walensiýa—Osasuna: 1–0** (Kluiwert 74), **Malýorka—Real Sosiedad: 1–1** (Li Kan In 50 — Fernandes 3), **Betis—Wilýarreal: 1–1** (Pino 55 — Iglesias), **Sewilýa—Almeriýa: 2–1** (Okampos 45+2 p, Lamela 73 — Akieme 2), **Atletik—Barselona: 0–1** (Rafinýa 45+1), **Žirona—Atletiko: 0–1** (Morata 90+4)

### SERIE A (26) — 27 gol

**Spesiýa—Inter: 2–1** (Maldini 55, Nzola 87 p — Lukaku 83 p), **Empoli—Udineze: 0–1** (Bekao 54), **Napoli—Atalanta: 2–0** (Kwarasheliýa 60, Rrahmani 77), **Bolonýa—Lasio: 0–0, Leççe—Torino: 0–2** (Singo 20, Sanabriýa 23), **Werona—Monza: 1–1** (Werdi 51 — Sensi 55), **Kremoneze—Fiorentina: 0–2** (Mandragora 27, Kabral 50), **Roma—Sassuolo: 3–4** (Zalewski 26, Dibala 51, Weýnaldum 90+5 — Loriýan 13, 18, Berardi 45+4 p, Pinamonti 75), **Ýuwentus—Sampdoriýa: 4–2** (Bremer 11, Rabio 26, 64, Sule 90+4 — Ojello 31, Džuriçiç 32), **Milan—Salernitana: 1–1** (Žiru 45+1 — Dia 61)

### LIGUE 1 (27) — 27 gol

**Lill—Lion: 3–3** (Dewid 46, 61 p, 79 p — Barkola 64, Lakazett 83, 89), **Oser—Renn: 0–0, Brest—PSŽ: 1–2** (Onora 43 — Soler 37, Mbappe 90), **Klermon—Lans: 0–4** (Openda 30, 33, 34, Klod-Moris 76), **Aýaçço—Monpelie: 0–1** (Wai 68), **Anže—Tuluza: 0–2** (Desler 37, Dallinga 46), **Loriýan—Trua: 2–0** (Dieng 8, Diarra 90+3) **Nant—Nissa: 2–2** (Sissoko 31, Mohamed 88 — Moffi 5, Ndaişimaý 71), **Monako—Reýms: 0–1** (Balogun 51), **Marsel—Strasbur: 2–2** (Mbemba 49, Sançes 76 — Aolu 88, 89)

### BUNDESLIGA (24) — 31 gol

**Köln—Bohum: 0–2** (Şteger 9 p, Maşowiç 76), **Leipsig—Borussiýa M: 3–0** (Werner 57, Forsberg 71 p, Gwardiol 80), **Herta—Maýns: 1–1** (Ngankam 18 p — Ažork 57), **Aýntraht—Ştutgart: 1–1** (Rode 55 — Katompa Mwumpa 75), **Bawariýa—Augsburg: 5–3** (Kanselo 15, Pawar 19, 35, Sane 45, Dewis 74 — Berişa 3, 60 p, Kardona 90+3), **Şalke—Borussiýa D: 2–2** (Bülter 50, Karaman 79 — Şlotterbek 38, Gerreýro 60), **Fraýburg—Hoffenhaým: 2–1** (Eggeştaýn 5, Doan 89 — Ştiller 49), **Werder—Baýer: 2–3** (Dukş 30, Füllkrug 85 p — Bakker 34, Frimpong 56, Gložek 83), **Wolfsburg—Union Berlin: 1–1** (Wimmer 84 — Ýuranowiç 71 p)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 27 | 21 | 3 | 3 | 62-25 | 66 |
| 2 | MAN. SITI | 27 | 19 | 4 | 4 | 67-25 | 61 |
| 3 | M. ÝUNAÝTED | 26 | 15 | 5 | 6 | 41-35 | 50 |
| 4 | TOTTENHAM | 27 | 15 | 3 | 9 | 49-37 | 48 |
| 5 | NÝUKASL | 25 | 11 | 11 | 3 | 37-18 | 44 |
| 6 | LIWERPUL | 26 | 12 | 6 | 8 | 47-29 | 42 |
| 7 | BRAÝTON | 25 | 12 | 6 | 7 | 46-31 | 42 |
| 8 | BRENTFORD | 26 | 10 | 11 | 5 | 42-33 | 41 |
| 9 | FULHAM | 27 | 11 | 6 | 10 | 38-37 | 39 |
| 10 | ÇELSI | 26 | 10 | 7 | 9 | 27-26 | 37 |
| 11 | ASTON WILLA | 26 | 10 | 5 | 11 | 32-39 | 35 |
| 12 | K. PALAS | 27 | 6 | 9 | 12 | 21-34 | 27 |
| 13 | W. HEMPTON | 27 | 7 | 6 | 14 | 20-37 | 27 |
| 14 | NOTTINGAM | 26 | 6 | 8 | 12 | 21-47 | 26 |
| 15 | EWERTON | 27 | 6 | 7 | 14 | 20-38 | 25 |
| 16 | LESTER | 26 | 7 | 3 | 16 | 37-46 | 24 |
| 17 | WEST HAM | 26 | 6 | 6 | 14 | 24-34 | 24 |
| 18 | BORNMUT | 26 | 6 | 6 | 14 | 25-51 | 24 |
| 19 | LIDS | 26 | 5 | 8 | 13 | 31-42 | 23 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 27 | 6 | 4 | 17 | 20-43 | 22 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 28 |
| 2 | Harri KEÝN (Tottenham) | 20 |
| 3 | Aýwen TOUNI (Brentford) | 16 |
| 4 | Markus REŞFORD (Man. Ýunaýted) | 14 |
| 5 | Gabriel MARTINELLI (Arsenal) | 12 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 25 | 21 | 2 | 2 | 47-8 | 65 |
| 2 | REAL MADRID | 25 | 17 | 5 | 3 | 50-19 | 56 |
| 3 | ATLETIKO | 25 | 14 | 6 | 5 | 39-19 | 48 |
| 4 | R. SOSIEDAD | 25 | 13 | 6 | 6 | 33-24 | 45 |
| 5 | BETIS | 25 | 12 | 6 | 7 | 33-26 | 42 |
| 6 | WILÝARREAL | 25 | 11 | 5 | 9 | 29-24 | 38 |
| 7 | R. WALLEKANO | 25 | 9 | 8 | 8 | 29-28 | 35 |
| 8 | OSASUNA | 25 | 9 | 7 | 9 | 22-24 | 34 |
| 9 | ATLETIK B | 25 | 9 | 6 | 10 | 33-27 | 33 |
| 10 | MALÝORKA | 25 | 9 | 5 | 11 | 22-26 | 32 |
| 11 | SELTA | 25 | 8 | 7 | 10 | 29-34 | 31 |
| 12 | ŽIRONA | 25 | 8 | 6 | 11 | 38-39 | 30 |
| 13 | SEWILÝA | 25 | 7 | 7 | 11 | 29-40 | 28 |
| 14 | WALÝADOLID | 25 | 8 | 4 | 13 | 19-35 | 28 |
| 15 | ESPANÝOL | 25 | 6 | 9 | 10 | 31-39 | 27 |
| 16 | KADIZ | 25 | 6 | 9 | 10 | 20-37 | 27 |
| 17 | WALENSIÝA | 25 | 7 | 5 | 13 | 28-28 | 26 |
| 18 | HETAFE | 25 | 6 | 8 | 11 | 25-34 | 26 |
| 19 | ALMERIÝA | 25 | 7 | 4 | 14 | 29-44 | 25 |
| 20 | ELÇE | 25 | 2 | 7 | 16 | 19-49 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 15 |
| 2 | HOSELU (Espanýol) | 12 |
| 3 | Enes ÜNAL (Hetafe) | 11 |
| 4 | Borha IGLESIAS (Betis) | 11 |
| 5 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 11 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 26 | 22 | 2 | 2 | 60-16 | 68 |
| 2 | INTER | 26 | 16 | 2 | 8 | 47-30 | 50 |
| 3 | LASIO | 26 | 14 | 7 | 5 | 41-19 | 49 |
| 4 | MILAN | 26 | 14 | 6 | 6 | 43-33 | 48 |
| 5 | ROMA | 26 | 14 | 5 | 7 | 35-25 | 47 |
| 6 | ATALANTA | 26 | 12 | 6 | 8 | 42-30 | 42 |
| 7 | ÝUWENTUS | 26 | 16 | 5 | 5 | 44-22 | 38 |
| 8 | TORINO | 26 | 10 | 7 | 9 | 29-29 | 37 |
| 9 | BOLONÝA | 26 | 10 | 6 | 10 | 31-34 | 36 |
| 10 | UDINEZE | 26 | 8 | 11 | 7 | 34-30 | 35 |
| 11 | FIORENTINA | 26 | 9 | 7 | 10 | 31-31 | 34 |
| 12 | MONZA | 26 | 9 | 6 | 11 | 31-36 | 33 |
| 13 | SASSUOLO | 26 | 9 | 6 | 11 | 34-40 | 33 |
| 14 | EMPOLI | 26 | 6 | 10 | 10 | 23-34 | 28 |
| 15 | LEÇÇE | 26 | 6 | 9 | 11 | 24-31 | 27 |
| 16 | SALERNITANA | 26 | 6 | 8 | 12 | 29-45 | 26 |
| 17 | SPESIÝA | 26 | 5 | 9 | 12 | 23-42 | 24 |
| 18 | WERONA | 26 | 4 | 7 | 15 | 21-38 | 19 |
| 19 | SAMPDORIÝA | 26 | 2 | 6 | 18 | 13-43 | 12 |
| 20 | KREMONEZE | 26 | 1 | 9 | 16 | 21-48 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 19 |
| 2 | Lautara MARTINES (Inter) | 14 |
| 3 | Ademola LUKMEN (Atalanta) | 12 |
| 4 | M'Bala NZOLA (Spesiýa) | 12 |
| 5 | Hwiça KWARASHELIÝA (Napoli) | 11 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 27 | 21 | 3 | 3 | 68-26 | 66 |
| 2 | MARSEL | 27 | 17 | 5 | 5 | 51-27 | 56 |
| 3 | LANS | 27 | 15 | 9 | 3 | 44-21 | 54 |
| 4 | MONAKO | 27 | 15 | 6 | 6 | 55-37 | 51 |
| 5 | RENN | 27 | 14 | 5 | 8 | 45-29 | 47 |
| 6 | LILL | 27 | 13 | 7 | 7 | 49-36 | 46 |
| 7 | NISSA | 27 | 11 | 10 | 6 | 36-24 | 43 |
| 8 | REÝMS | 27 | 10 | 13 | 4 | 35-26 | 43 |
| 9 | LORIÝAN | 27 | 12 | 7 | 8 | 40-36 | 43 |
| 10 | LION | 27 | 11 | 7 | 9 | 42-31 | 40 |
| 11 | TULUZA | 27 | 10 | 5 | 12 | 43-46 | 35 |
| 12 | KLERMON | 27 | 9 | 7 | 11 | 26-38 | 34 |
| 13 | MONPELIE | 27 | 10 | 3 | 14 | 42-46 | 33 |
| 14 | NANT | 27 | 6 | 11 | 10 | 29-36 | 29 |
| 15 | STRASBUR | 27 | 4 | 11 | 12 | 32-46 | 23 |
| 16 | BREST | 27 | 5 | 8 | 14 | 28-44 | 23 |
| 17 | OSER | 27 | 5 | 8 | 14 | 23-49 | 23 |
| 18 | AÝAÇÇO | 27 | 6 | 3 | 18 | 20-48 | 21 |
| 19 | TRUA | 27 | 4 | 8 | 15 | 36-59 | 20 |
| 20 | ANŽE | 27 | 2 | 4 | 21 | 21-60 | 10 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 19 |
| 2 | Jonatan DEWID (Lill) | 19 |
| 3 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 16 |
| 4 | Folarin BALOGUN (Reýms) | 16 |
| 5 | Aleksandr LAKAZETT (Lion) | 16 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 24 | 15 | 7 | 2 | 71-25 | 52 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 24 | 16 | 2 | 6 | 49-30 | 50 |
| 3 | LEIPSIG | 24 | 13 | 6 | 5 | 49-29 | 45 |
| 4 | UNION BERLIN | 24 | 13 | 6 | 5 | 36-28 | 45 |
| 5 | FRAÝBURG | 24 | 13 | 6 | 5 | 37-33 | 45 |
| 6 | AÝNTRAHT | 24 | 11 | 7 | 6 | 46-34 | 40 |
| 7 | MAÝNS | 24 | 10 | 6 | 8 | 39-35 | 36 |
| 8 | WOLFSBURG | 24 | 9 | 8 | 7 | 43-32 | 35 |
| 9 | BAÝER | 24 | 10 | 4 | 10 | 43-39 | 34 |
| 10 | BORUSSIÝA M | 24 | 8 | 6 | 10 | 38-42 | 30 |
| 11 | WERDER | 24 | 9 | 3 | 12 | 37-46 | 30 |
| 12 | KÖLN | 24 | 6 | 9 | 9 | 32-38 | 27 |
| 13 | AUGSBURG | 24 | 8 | 3 | 13 | 31-44 | 27 |
| 14 | BOHUM | 24 | 7 | 1 | 16 | 26-56 | 22 |
| 15 | HERTA | 24 | 5 | 6 | 13 | 29-45 | 21 |
| 16 | ŞTUTGART | 24 | 4 | 8 | 12 | 29-41 | 20 |
| 17 | ŞALKE | 24 | 4 | 8 | 12 | 20-44 | 20 |
| 18 | HOFFENHAÝM | 24 | 5 | 4 | 15 | 30-44 | 19 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Niklas FÜLLKRUG (Werder) | 15 |
| 2 | Kristofer NKUNKU (Leipsig) | 12 |
| 3 | Winçenzo GRIFO (Fraýburg) | 12 |
| 4 | Markus TURAM (Borussiýa M) | 11 |
| 5 | Jamal MUSIALA (Borussiýa D) | 11 |

## ÇEMPIONLYK UGRUNDA ÝITI GÖREŞ DOWAM EDÝÄR

Angliýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Arsenala» myhmançylykda «Fulhamy» ýeňmek kyn düşmedi. 3–0 hasabynda üstün çykan «Arsenal» taryhynda ilkinji gezek şu möwsümde yzly-yzyna 5 London derbisinde myhmançylykda gol geçirmezden ýeňiş gazandy. «Mançester Sitiniň» Holannyň ýeke-täk goly bilen «Kristal Palasy» ýeňen tapgyrynda «Mançester Ýunaýted» «Southempton» bilen golsuz deňme-deň oýnady. Geçen tapgyrda «Mançester Ýunaýtediň» derwezesinden jogapsyz 7 gol geçiren «Liwerpul» myhmançylykda aşaky orunlarda barýan «Bornmutdan» 1–0 asgyn geldi. «Tottenham» öz meýdançasynda Keýn (2) we Sonuň gollary bilen «Nottingam Forestden» 3–1 üstün çykdy. Duşuşykda 2 gezek tapawutlanan Harri Keýn 6-njy gezek bir möwsümde 20 gola ýetdi. Ol bu ugurda Serhio Aguero bilen deňleşip, Alan Şireriň rekordyna (7 gezek) bir ädim golaýlady. «Çelsi» hem şol hasap bilen «Lesteri» myhmançylykda ýeňlişe sezewar etdi. «Ewertondan» 1–0 asgyn gelen «Brentford» topary 12 oýundan soň ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy.



Harri Keýn

**«BARSELONA» BIR-BIRDEN ÝEŇÝÄR**

Ispaniýanyň çempionatynda «Barselona» myhmançylykda «Atletik Bilbao» toparyny Rafinýanyň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. 9-njy gezek 1–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Barselonanyň» derwezeçisi Ter Ştegen 25 oýnuň 19-synda gol geçirtmän rekord goýdy. 25 oýunda 8 gol geçirden «Barselonanyň» bu statistikasy-da rekorda deňdir. «Barselona» bir möwsümde 9 duşuşykda 1–0 hasabynda ýeňiş gazanyp, bu ugurda-da öz rekordyny täzeledi. Soňky çempion «Real Madrid» öz meýdançasynda «Espanýoldan» 3–1 üstün çykyp «El Klasikodan» öň 9 utuklyk aratapawudy goramagy başardy. «Atletiko Madrid» bolsa myhmançylykda «Zironany» Moratanyň 90+4-nji minutdaky goly bilen 1–0 utdy.

**«NAPOLI» ÇEMPIONLYGA BARÝAR**

Italiýanyň çempionatynda çempionlyga barha golaýlap barýan «Napoli» öz meýdançasynda «Atalantany» Kwarasheliýanyň hem-de Rrahmaniniň gollary bilen 2–0 ýeňdi. 2-nji ýerdäki «Interiň» myhmançylykda «Spesiýadan» 2–1 utulmagyndan soň aratapawut 18 utuga çykdy. 1 oýunçy kem oýnan «Roma» öz meýdançasynda «Sassuolodan» 4–3 asgyn geldi. Soňky çempion «Milan» öz meýdançasynda «Salernitana» bilen 1–1 deňme-deň oýnady. «Ýuwentus» bolsa «Sampdoriýany» 4–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

**IŇ ÇALT HET-TRIK**

Fransiýanyň çempionatynda sanawyň lideri PSŽ myhmançylykda «Bresti» Soleriň we soňky minutlarda tapawutlanan Mbappeniň geçiren gollary esasynda 2–1 ýeňdi. «Marsel» öz meýdançasynda «Strasbur» bilen soňky minutlarda geçiren gollary esasynda 2–2 deňme-deň oýnady. «Klermon»–«Lans» duşuşygynda myhmançylykda toparyň belgiýaly hüjümçisi Loi Openda 4 minut 30 sekuntda het-trik edip, «Ligue 1»-iň rekordyny täzeledi. Ozalky rekord 4 minut 43 sekunt bilen Matta Mussila degişlidi. «Lill» bilen «Lionyň» arasyndaky oýunda ýer eýelerinden Jonatan Dewidiň het-trigi ýeňşe ýeterlik bolmady. «Lion» Lakazettiň soňky minutlarda geçiren 2 goly bilen ýeňlişden halas boldy.



Loi Openda

Germaniýanyň çempionatynda «Bawariýa» 8 goluň geçirilen oýnunda «Augsburgy» 5–3 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Münhenlileriň gollaryny Kanselo, Pawar (2), Sane hem-de Dewis geçirdi. «Augsburgdan» Berişanyň 2 goly ýeňşe ýeterlik bolmady. «Rur» derbisinde «Şalke» bilen «Borussiýa Dortmund» utuklary paýlaşyp, oýun 2–2 hasabynda deňlikde tamamlandy.

# DÜNÝÄDÄKI IŇ ULY BOTANIKA BAGY

Londonyň Riçmond etrabynda, Temza derýasynyň günorta-günbatar kenarynda ululygy we ösümlik dünýäsiniň köpdürlüligi bilen tapawutlanýan Kew botanika bagy ýerleşýär. «Korol baglary» ady bilen meşhurlyk gazanan botanika bagy 1759-njy ýylda döredilýär. XVIII-XX asyrlarda iňlis medeniýetiniň ylham çeşmesi hasaplanan botanika bagy häzirki wagtda milli bagbançylyk ýörelgeleri bilen meşgullanýan hünärmenler üçin tejribe meýdançasy bolup hyzmat edýär. 121 gektar meýdany tutýan «Korol baglary» Kew köşgüni, Şa zenany Şarlottanyň kottejini, «Syon Park House» binasyny, palma öýüni, Wiktorian aýna jaýyny, Temperat öýüni, bezegli kölleri we howuzlary, gerbariý hem-de ösümlik kolleksiýasyny öz içine alýar. Peýzažy we binagärlik aýratynlyklary bilen görenleri haýran galdyrýan Kew botanika bagy 2003-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilýär. Jemi 44 binasy bolan botanika bagy dünýäniň iň uly we dürli ösümlik görnüşleriniň ösdürilýän ýeri hasaplanýar. Kew botanika bagynda 28 müň 680 töweregi ösümlik, 7 million töweregi gerbariý we arhiwlenen maglumatlar saklanýar. Mundan başga-da, botanika ylmyna degişli 130 müň jiltden ybarat kitaplar hem-de döwürleýin neşirlerdir çyzgylar bar. Botanika bagynda sukkulentler ýaly seýrek ösdürilýän güller bilen bir hatarda, tropik howaly ýerlerde ösýän orhideýa gülleriniň,



Okeaniýada duş gelýän ösümlikleriň hem birnäçe görnüşi idedilýär. Şeýle hem dünýäniň sowuk sebitlerinde ösýän ösümlikleriň 10 müň görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär.

1974-nji ýylda botanika bagynda Kew tohum ammary döredilýär. 1996-njy ýylda ösümlik görnüşleriniň ýitip gitmek howpuny azaltmak üçin goşan goşandy göz öňünde tutulyp, bu tohum ammary Müňýyllyk tohum bankyna öwrülýär. Ýurtlaryň arasynda tohum hyzmatdaşlygyny alyp barýan Müňýyllyk tohum banky dünýädäki iň uly tohum ammary hasaplanýar. Bu ýerde ösümlikleriň 75 müň töweregi görnüşine degişli 2,25 milliard tonna tohum saklanýar.

Londonyň esasy syýahatçylyk merkezleriniň biri bolan «Korol baglarynda» gezelençleri guramak bilen bir hatarda toý dabaralary, şol sanda her ýylda 200-e çenli baýramçylyk çäreleri geçirilýär. Bu ýere gelýän syýahatçylar we myhmanlar baýramçylyk dabaralaryna gatnaşyp wagtyny gyzykly we şadyýan geçirip bilýärler. Dabaralar, esasan, Kembrij kottejinde, Neş konserwatoriýasynda hem-de açyk bagda geçirilip, bu ýerde surat sergileri hem guralýar. Gyzykly başdangeçirmeleri bilen ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýan Kew botanika bagyna her ýyl 4,5 million syýahatçy barýar.









## TARYHDA ŞU GÜN

■ 1941-nji ýylyň 17-nji martynda Waşingtonda Prezident Franklin Ruzweltiň gatnaşmagynda Milli sungat galereýasy açylýar. Bu galereýa dünýäniň iň baý we şol bir wagtyň özünde iň ýaş sungat muzeýleriniň biridir. Ol Smitson instituty tarapyndan dolandyrylýar we şäheriň Milli seýilgähiniň içinde ýerleşýär.



# Agyz beklemegiň saglyga peýdasy

**Agyz beklemek belli bir wagt aralygynda iýip-içmekden saklanmakdyr. Agyz beklemek ruhy taýdan pikiriň täzelenmegi, akylyň durlanmagy üçin peýdaly bolmak bilen bir hatarda, saglyk üçin hem örän ähmiýetlidir.**

**AGRAMY AZALTMAGA KÖMEK EDÝÄR.** Geçirilen barlaglarda agyz beklemegiň bedeniň agramyny 9 göterime çenli ýeňledýändigi ýüze çykaryldy. Ýagny beden myşsalaryna agram salmazdan, bedendäki artykmaç ýagy ýitirip bolýar.

**HGH-niň BÖLÜNIP ÇYKMAGYNY TIZLEŞDIRÝÄR.** Adamyň ösüş gormony (HGH) tebigy ýagdaýda bedende öndürilýär we gan aýlanyşygy esasynda dokumalara barýar. Agyz beklenende HGH-niň köp mukdarda bölünip çykmagy esasynda artykmaç ýag ýakylýar. Bu bolsa bedeniň myşsalarynyň güýçlenmegine we çeýeliginiň artmagyna kömek edýär.

**ÖÝJÜKLERIŇ DIKELMEGINE TÄSIR EDÝÄR.** Agyz beklemek awtofagy (bedeniň öýjükleri gaýtadan işlemek ulgamy) herekete getirip, bedendäki köne öýjükleri döwmäge we gaýtadan işlemäge mümkinçilik berýär. Şeýle ýagdaýda adam bedeni öýjük galyndylaryndan doly arassalanýar.

**INSULINIŇ DEREJESINI KADALAŞDYRÝAR.** Agyz beklemek bedendäki uglewodyň we gandaky glýukozanyň derejesini durnukly ýagdaýda saklamaga hem-de wisseral ýag massasyny azaltmaga kömek edýär. Bilermenler süýjüli diabetden ejir çekýän adamlara agyz beklemegiň oňaýly täsir edýändigini belleýärler. Şeýle ýagdaýda bedeniň insuline garşy duýgurlygy artýar hem-de göreşijilik ukyby güýçlenýär.

**ÝÜREK-DAMAR KESELLERINIŇ HOWPUNY AZALDÝAR.** Agyz beklenende köp kaloriýa ýakmak hem-de gandaky şekeriň derejesini peseltmek arkaly ýürek-damar keselleriniň howpuny azaldyp bolýar. Bu ýagdaý metabolizmiň işiniň gowulanmagy bilen düşündirilýär.

**BEÝNINI GÜÝÇLENDIRÝÄR.** Agyz beklemek newrodegeneratiw bozulmalaryň öňüni alýar. Nerw öýjükleriniň dikelmegine we döremegine ýardam edip, beýniniň işini gowulandyrýar.

Rahat uklamaga ýardam edýär. Geçirilen barlaglarda agyz bekleýän adamlaryň has rahat uklaýandygy ýüze çykaryldy. Bilermenler munuň sebäbini agyz beklenende aşgazan-içege ulgamynyň ýeňil işleýändigi bilen düşündirýärler.

**GARRYLYGYŇ ALAMATLARYNY HAÝALLADÝAR.** Geçirilen barlaglarda agyz bekleýän adamlaryň uzak ýaşaýandygy ýüze çykaryldy. Bu, esasan, agyz beklemegiň aşgazan-içege ulgamynyň işini ýeňilleşdirýändigi, ýürek-damar ulgamyny we gan basyşyny kadaly derejede saklaýandygy hem-de bedende artykmaç agramyň bolmazlygy bilen düşündirilýär.



# ÇAGALARA NÄHILI AÝAKGAP SAÝLAMALY?

Çagalar bagyna gatnaýan çagalar ýa-da kiçi ýaşly mekdep okuwçylary üçin dogry aýakgaby saýlamak esasy şertleriň biri bolup durýar. Aýakgabyň ölçegi, ýumşak ýa-da gatylygy hem-de biçüwi çagalaryň aýagyndaky myşsalaryň we süňkleriň ösüşine täsir edýär. Körpejeler her gün ortaça 8-9 sagat köwüşli gezýärler. Şol sebäpli çagalar üçin aýakgap saýlananda köwşüň daban bilen basylýan böleginiň ýumşaklygyna üns bermeli. Ýagny aýakgabyň apgyrdy we daban bölegi rezinden (kauçuk) bolmaly. Mundan başga-da, barmaklaryň dogry ösmegi üçin aýakgabyň ygtybarly ýapyklygyna hem-de barmaklary gysmaýandygyna üns bermeli.

Çagalaryň çalt ösýändigi üçin okuw ýylynyň başynda satyn alnan köwüş ýyl tamamlanmanka, eýýäm kiçi bolup bilýär. Şeýle-de bolsa, okuw, sport ýa-da daşarda geýmek üçin satyn alnan köwüş çaganyň aýagyna laýyk gelýän bolmaly. Geljek ýyl hem geýer diýen pikir bilen has uly ölçegdäki köwüş almak maslahat berilmeýär. Mundan başga-da, çaganyň aýagynyň gurluşyna hem üns bermeli. Käbir çaganyň daraklygy inli bolýar. Şeýle ýagdaýda öň tarapy insiz köwüş almak maslahat berilmeýär. Sebäbi aýakgabyň ölçegi çaganyň aýagyna laýyk hem bolsa, aýagynyň iki tarapyndan gysmagy mümkin.



Bilermenler ata-enelere çagalary üçin artykmaç bezeg aýratynlyklary bolmadyk, ykjam aýakgaplary satyn almagy maslahat berýärler. Köwüşdäki ýazgylar, bezeg üçin dakylan şaýlar geýmek üçin oňaýsyz bolmak bilen bir hatarda, sapak wagtynda öwredilýän zatlardan hem çaganyň ünsüni sowup biler.

Köwüş alanyňyzda çagaňyza hökman geýdirip görüň hem-de aýagyna görä köwşüň laýyk oturýandygyna göz ýetiriň! Soňra ýakyn aralyga ýöredip, oňaýlymy ýa-da oňaýsyzdygyny soraň! Şeýle ýagdaýda çaga özüni rahat duýar. Bilermenler kiçi ýaşly çagalaryň matadan tikilen aýakgaplary uzak wagtlap geýmeli däldigini, oňa derek ýumşak dabanly, rahat ökjeli köwüşleri ýa-da sport aýakgaplaryny saýlamagy maslahat berýärler.

«Garagum Ulag» H. J.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we mähriban halkymyzy Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden we mähirli gutlaýarys! Öz halkyny ajaýyp durmuşyň gujagyna atarýan döwlet Baştutanymyz, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolup, halkymyzyň eşretli ertiri üçin tutýan tutumlaryňyzyň hemişe rowaç almagyny arzuw edýäris! Siziň baştutanlygyňyzda Milli bahar baýramyny – Halkara Nowruz gününi ýene köp ýyllar toýlamak nesip etsin!
Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

Size çuňňur hormat goýmak bilen,

«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.

«TÜRKMENHIMIÝA»
DÖWLET KONSERNINIŇ
«TÜRKMENTURBA» ZAWODY

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we halkymyzy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe uly şatlyk-şowhun bilen bellenilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýüregimizden, gyzgyn gutlaýarys!
Zähmetkeş eziz halkymyz bu ajaýyp baýramçylygy uly ruhubelentlikde, agzybirlikde Siziň daşyňyza öňküden-de berk jebisleşmek bilen baýram edýär, ene topraga tohum sepilip, geljekki hasylyň düýbi tutulýar. Siz ynsan kalplaryny joşduryp, göwünlere ganat baglaýan bu ajaýyp, milli baýram bilen ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

Size çuňňur hormat goýmak bilen,

«Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň
«TÜRKMENTURBA» zawodynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.

AGRİ

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Ata-babalarymyzyň Nowruza goýýan belent sarpasynyň nyşany bolan Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni mynasybetli Sizi we ähli türkmenistanlylary mähirli gutlaýarys!
Hormatly Prezidentimiz! Siziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň bagtyýar halkynyň agzybirligini has-da jebisleşdirmekde, hal-ýagdaýyny gowulandyrmakda alyp barýan işleriňiziň rowaç, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny dileýäris!
Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

Size çuňňur hormat goýmak bilen,

«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.

nowa®
ÝOKARY HILLI GAPLAMA

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Zemine ýaşyl ýaşaýşyň hoşboý ysyny saçyp, dünýäniň ýaşlygy, ynsanyň şatlygy – Nowruz geldi. Sizi we Türkmenistanyň eziz halkyny Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!
Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Siziň baştutanlygyňyzda ata Watanymyz Türkmenistanda erkana ýaşaýan halkymyzyň bagtyýar durmuşy barha ýokarlanýar. Agzybir raýatlarymyz beýik zamananyň ruhy joşguny bilen toýuny toýlaýar, baýramlaryny uly dabara besleýär. Bizem şu baýramçylyk mynasybetli özümiziň iň gowy arzuwlarymyzy Size we agzybir halkymyza ýollaýarys!

Size çuňňur hormat goýmak bilen,

«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.

# NOWRUZ BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

## AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyzda uly dabara bilen giňden bellenilip geçilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni mynasybetli tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Türkmen halkynyň gadymy döwürden bäri dabaraly belleýän baýramlarynyň biri-de Nowruzdyr. Ata-babalarymyz tarapyndan şatlyk–şowhun bilen bellenilip gelnen Nowruz baýramynyň gerimi häzirki wagtda has-da ýokary.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň parasatly baştutanlygyňyzda ýurdumyzyň mundan beýläk hem bedew bady bilen ösmegini, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mähriban halkymyzyň agzybirlikde, asudalykda, bagtyýarlykda ýaşamagy ugrunda alyp barýan il-ýurt bähbitli işleriňizde üstünlikleriň ýaran bolmagyny, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, edýän ähli tagallalaryňyzyň rowaç bolmagyny Beýik Biribardan dileg edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## TÜRKMENBAŞY TEKSTIL KOMPLEKSI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanda giňden bellenilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Müňýyllyklardan gözbaş alyp gaýdýan Halkara Nowruz güni adamzadyň umumy baýlygy, ynsanyýetiň medeni mirasydyr. Gözelligiň hem-de joşgunly durmuşyň bu nurana baýramy biziň döwrümizde ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi we iň uly baýramlaryň biri hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň ýörite Kararnamasy esasynda halkara baýram hökmünde ykrar edildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ynsan kalbynyň tämizligini, döredijilik joşgunyny aňladýan Halkara Nowruz gününi bagtyýar we açykgöwünli halkymyz medeniýetiň, däpdessurlaryň, ynsanperwerligiň we ýokary ahlaklylygyň sazlaşygyny özünde jemleýän Milli bahar baýramy hökmünde goňşy we doganlyk halklar bilen bilelikde, dürli näz-nygmatly, bereketli türkmen saçagy, milli oýunlary we aýdym-sazlary bilen dabaraly garşy alýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi tebigatyň täzelenmegini, bagtyýarlygy we abadançylygy alamatlandyrýan Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, halkymyza bolsa abadançylyk hem-de bagtyýarlyk arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ýurdumyza Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň owadan bahary geldi. Ajaýyp bahar paslynyň gelmegi bilen tebigatyň gözel görki göwünlere egsilmez joşgun, ruhubelentlik paýlaýar. Güllügülälekli baharda Türkmenistanda bellenilýän baýramlaryň biri hem Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüdir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ynsanperwerligiň, hoşniýetliligiň we döredijiligiň egsilmez güýjüni özünde jemleýän bahar paslynda uly şatlyk-şowhun bilen bellenilýän bu baýram ruhubelentlige beslenýär. Sizi we halkymyzy Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Her günde ýyllara barabar ýol aşýan halkymyz üçin bu baýramyň çuň manysy bar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň bagtyýar halkynyň agzybirliginiň, çekýän halal zähmetiniň hatyrasyna, goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun! Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň bagtyýar halkynyň agzybirligini has-da jebisleşdirmekde, hal-ýagdaýyny gowulandyrmakda alyp barýan tutumly işleriňiziň rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## TÜRKMENISTANYŇ KÄRDEŞLER ARKALAŞYKLARYNYŇ DAŞOGUZ WELAÝAT BIRLEŞMESI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we mähriban halkymyzy Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Mähriban Watanymyzyň gülläp ösmegini we halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilen çuňňur pähim-paýhasa, belent ynsanperwerlige ýugrulan, uzak geljegi nazarlaýan adyl syýasatyňyz netijesinde, eziz Diýarymyz halkara derejesinde parahatçylygy we ynsanperwerligi berkitmäge işjeň gatnaşýan ýurt hökmünde dünýä ykrarnamasyna eýe boldy. Çuňňur ruhy pelsepesi, gaýtalanmajak gözelligi hem-de many-mazmuny bilen tapawutlanýan Nowruz hoşniýetli goňşuçylyk we özara hormat goýmak däplerini pugtalandyrmaga ýardam edip, halklaryň mizemez gymmatlyklarynyň umumylygyny alamatlandyrýar. Özüniň köpöwüşginliligi we hoşboýlygy bilen gözelligiň, täzelenişiň we tebigatyň galkynmagynyň nyşany bolan Nowruz güni Siziň alyp barýan syýasatyňyza kybapdaşlygy bilen hasam gözeldir!

**Hormatly Prezidentimiz!** Halkymyzyň belent ruhuny, bitewüligini, gözel tebigatymyzyň ajaýyplygyny alamatlandyrýan, parahatçylygy, dostlugy, hoşniýetliligi we ynsanperwerligi dabaralandyrýan Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen ýene-de bir gezek mähirli gutlaýarys! Ata Watanymyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň abadan we eşretli durmuşy, bagtyýar geljegi ugrunda alyp barýan tutumly işleriňizde Size berk jan saglyk we uzak ömür, egsilmez gujur-gaýrat hem-de rowaçlyk arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşyrdurdy ALLAÝEW,**
**Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň başlygy, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty, Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy.**

# NOWRUZ BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

AJAÝYP BINA

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Halkymyzyň öz milli gymmatlyklaryna hormat goýup, gündogar senenamasy boýunça Täze ýylyň başlangyjy hökmünde belläp gelen Nowruz baýramynyň hatyrasyna her ýylyň mart aýynyň 21–22-si Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni diýlip yglan edilip, ýurdumyzyň ähli künjegi uly dabaralara beslenýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Milli bahar baýramy mynasybetli Sizi we Türkmenistanyň eziz halkyny agzybir işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, türkmen döwletiniň gülläp ösmeginiň hatyrasyna alyp barýan işleriňizde üstünlikleriň ýaran bolmagyny, türkmen halkyna bolsa agzybirlik, parahatlyk, asuda we bagtyýar durmuş arzuw edýäris!

Tebigatyň ynsan kalbyna ruhubelentlik, şatlyk we galkynyş, jümle-jahana direliş hem-de täzeleniş bagyş edýän çagynda – pasyllaryň soltany baharda ýurt asudalygynda, il agzybirliginde, ruhubelentlikde, jebislikde bellenilýän Milli bahar baýramy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüni bezeýän şanly seneleriň biridir. Şeýle ajaýyp döwri halkymyza peşgeş berendigiňiz üçin, il-ulsumyzy döwletli-döwrana, bagtyýarlyk döwrüne ýetirendigiňiz üçin Siziň belent başyňyz aman bolsun!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň janyňyz sag, il-ýurt bähbitli işleriňizde elmydama rowaçlyklar ýaran bolsun, belent başyňyz aman bolsun!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

Zehinli iş

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Diýarymyza bahar geldi. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň baharynda Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni giňden baýram edilýär. Sizi we ähli halkymyzy Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Pasyllaryň soltany hasaplanýan baharda tebigat janlanyp, gül–gülälekleriň jana şypa beriji ýakymly ysy, paslyň mylaýym howasy ýurdumyzy mundan beýläk hem ösdürmäge, halkymyzyň hal-ýagdaýyny, durmuş derejesini ýokarlandyrmaga ruhlandyrýar.

Gündogarda hormat goýulýan baýramlaryň biri bolan Nowruz ynsanperwer we döredijilik däpleri – rehimlilik we asudalyk, şatlyk hem-de guwanç, päk ýüreklilik we özara hormat goýmak ýaly däpleri bilen dünýäde çäksiz şöhrata eýe boldy hem-de halkara jemgyýetçiligi tarapyndan umumadamzat ösüşiniň täsin gymmatlygy hökmünde ykrar edildi.

**Hormatly Prezidentimiz!** Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen Sizi we ähli türkmenistanlylary ýene-de bir gezek tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys! Size we agzybir halkymyza rowaçlyklary arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ZEHINLI IŞ» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

ÇEPER GURLUŞYK

# «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň eziz halkyny Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Ýurdumyzyň Garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen döwrüň özgermegi netijesinde ähli ugurlar bilen bir hatarda gurluşyk pudagy hem uly özgertmeler ýoluna düşdi. Häzirki ýokary ösüşlere beslenýän bagtyýarlyk döwrümizde gurluşyk pudagy hem batly depginler bilen ösýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Ter bägülleriň açylyp, baharyň joşýan häzirki pursatlarynda bagy-bossanlyga bürenip oturan ýurdumyzy görmäge göz gerek. Bagtyýar günlerimiziň kepili, rowaçlyklarymyzyň beýany bolup dabaralanýan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, goý, ata Watanymyz Türkmenistanyň we Siziň mertebäňiz has-da belent bolsun, şan-şöhratyňyz hiç haçan egilmesin! Size berk jan saglyk, il-ýurt bähbitli ähli başlangyçlaryňyzda rowaçlyk arzuw edýäris! Goý, dünýä dursun, ata Watanymyz Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dursun!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

Miweli Ülke

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi baharyň buşlukçysy bolan Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Älemgoşar öwüşgünli bahar pasly ynsanlara ruhy güýç, ylham paýlaýar. Bahar paslynyň gelmegi bilen diňe tebigat janlanman, eýsem, adamlar hem ruhy taýdan galkynýar, joşýar. Halkymyz bu pasylda, nesip bolsa, birnäçe baýramy belläp geçer.

Gözbaşyny asyrlaryň çuňlugyndan alyp gaýdýan Nowruz baharyň gelmegini, tebigatyň janlanmagyny we täze durmuşyň başlanýandygyny alamatlandyrýar. Adamlaryň kalplarynda söýgi, hoşniýetlilik, ynsanperwerlik ýaly nurana duýgulary oýarmak bilen, Nowruz şatlyk we ynam eçilýär, dostlugy, birek-birege hormat goýmagy we ylalaşygy pugtalandyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi we ähli türkmenistanlylary şu nurana Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden we mähirli gutlaýarys! Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, tutýan tutumlaryňyzyň rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«MIWELI ÜLKE» hususy kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# NOWRUZ BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

HUAWEI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI!**

Biz Sizi we ähli türkmen halkyny Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen gutlaýarys! Goý, Türkmenistanda we her birimiziň öýlerimizde toý-baýramlaryň sany köp bolsun! Size berk jan saglyk we uzak ömür dileýäris!

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Мы поздравляем Вас и весь туркменский народ с весенним праздником – Международным днем Новруз! Пусть во всем Туркменистане и в каждом доме будет больше праздников! Мы желаем Вам долгую жизнь и крепкого здоровья!

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**



BANK SADERAT IRAN
Ashgabat branch

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

Sizi täzelenişiň we gülläp ösüşiň nyşany hasaplanýan ajaýyp bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn!

2009-njy ýylda Nowruz baýramynyň geçiriliş däpleri ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. 2010-njy ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji mejlisinde bolsa 21-nji marty «Halkara Nowruz güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnama kabul edildi. Munuň özi Nowruz baýramynyň adamzat gymmatlygy hökmünde ähmiýetini has-da artdyrdy.

Halkara Nowruz güni diýlip yglan edilen bu baýram ösüşiň, abadançylygyň we parahatçylygyň nyşany hökmünde kabul edilýär. Täze ýylyň gelmegini alamatlandyrýan şu ajaýyp günde Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasyndaky hemmetaraplaýyn gatnaşyklar has-da giňeldilýär.

**Türkmenistanyň çuňňur hormatlanýan Prezidenti,** Siziň Eýran Yslam Respublikasyna amala aşyran resmi saparyňyz iki doganlyk döwletleriň arasyndaky gatnaşyklara täze itergi berdi. Köp ýyllaryň dowamynda biri-birine goňşy bolup durýan türkmen-eýran halklary Nowruz baýramyna uly ähmiýet berýärler.

Goý, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda giňden bellenilýän Nowruz baýramy Ýer ýüzüniň ähli halklaryna rysgal, bereket, agzybirlik eçilsin! Goý, hemişe dünýäde parahatçylyk, abadançylyk hem-de durnukly ösüş höküm sürsün!

Pursatdan peýdalanyp, Size berk jan saglyk we üstünlikler, Türkmenistanyň doganlyk halkyna bolsa abadançylyk hem-de gülläp ösüş arzuw edýärin!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Dolandyryjy Soruş HASSANI.**

## «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we agzybir halkymyzy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe uly şatlyk-şowhun bilen bellenilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýüregimizden, gyzgyn gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň parasatly baştutanlygyňyzda beýik özgertmeleriň amala aşyrylýan, uly ösüşleriň gazanylýan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe müňýyllyklardan gözbaş alýan däp-dessurlarymyz dikeldilýär, milli baýramlarymyz giňden bellenilýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi ynsan kalplaryny joşduryp, göwünlere ganat berýän bu ajaýyp milli baýram bilen ýene bir gezek tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglygyny, uzak ömür arzuw edýäris! Il-ýurt bähbitli tutumly işleriňiz hemişe rowaç bolsun!

Goý, türkmeniň bu bahary-da nur-ýagmyrly bolup, ýylymyz bol hasyla beslensin! Gudraty güýçli Beýik Allatagala Sizi öz penasynda aman saklasyn!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüňiz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň işgärleriniň adyndan baş direktory Ý. GURATOW.**

CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Сердечно поздравляем Вас и весь туркменский народ с Международным днём Новруз – Национальным праздником весны.

Международный день Новруз – олицетворение мира, отношений дружбы и добрососедства, гуманизма, созидательных инициатив, он отмечается в пору пробуждения природы и как одно из древнейших празднеств занимает особое место в культурном развитии человечества.

Сегодня Новруз байрамы, истоки которого уходят вглубь многовековой истории человечества, способствует сближению, взаимопониманию и взаимному уважению народов. Именно поэтому специальной Резолюцией Генеральной Ассамблеи Организации Объединённых Наций 21 марта объявлен Международным днём Новруз.

Национальный праздник весны символизирует начало новой жизни, проявляющейся в зелёных ростках пробудившейся природы. Весенний праздник дарит вдохновение труженикам всех сфер народнохозяйственного комплекса, способствуют позитивным переменам в обществе.

От всего сердца еще раз поздравляем Вас с Национальным праздником весны – Международным днём Новруз! Желаем Вам доброго здоровья, счастливой и благополучной жизни, новых больших успехов в работе!

**С глубоким уважением,**

**Чэнь ХУАЙЛУН, Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**